TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

YBRAÝYM GÜLŞENI

# «ÝAGŞYZADALARYŇ ŞATLYGY WE SYRLARYŇ AÝDYŇLYGY»

AŞGABAT «TMGI» 2007

## MAHRIBAN WE REHIM ŞEPAGATLY ALLANYŇ ADY BILEN

Hakykata ähmiýet berýän, akyl-paýhas eýesi Allatagala öwgi-taryp bolsun. Allanyň rehmeti we salamatlygy özüne Gurhan kitaby we pygamberlik berlen Muhammet alaýhyssalama, onuň iň haýyrly nebere bolan nesil-neberesine we iň haýyrly ýaranlar bolan sahabalaryna[1] bolsun. Bu paýhasly soraglardan we pähimli jogaplardan ybarat ýygyndy eser meniň ygtybarly tefsir kitaplaryndan, meşhur hadyslardan, Döwleti Alyýede[2] ýaşan ýslam alymlarynyň eserlerinden, sopuçylyk ýolunyň pirleriniň (goý, kyýamat gününde Alla olaryň sanyny köpeltsin!) eserlerinden jemlän ýygyndydyr. Olaryň biri-birlerine garanyňda doly gabat gelmekleri meni gyzyklandyrmaýar. Sebäbi tapylan zatlar ýazgydyňa görä tapylýandyr. Ähli ýagdaýlarda hem üstünlik-netije diňe Allanyň kömek bermegi bilendir.

Men bu kitaby «Behjetul-ebrar we lemgatul-esrar» («Ýagşylaryň şatlygy we syrlaryň aýdyňlygy») diýip atlandyrdym. Men haýyrly kişileriň aýak yzlarynyň gumunyň tozanyndan bir zerre bolan, pespäl, özüniň ejizligini, kemterligini we pakyrlygyny doly boýun alýan Ybraýym Gülşeni. Goý, Alla Subhan[3] we tagala meni, ene-atamy, dost-ýarlarymy, dünýäde we ahyretde pygamberleriň we resullaryň, pir-öwlüýäleriň hormatyna bagtyýarlaryň toparyndan eýlesin. Men Mälik[4] we Magbut[5] bolan Alladan pena kömek isläp, öz maksadyma başlaýaryn.

Boldy sowal-jogap,
Bagys zikri sowap[6].

---

[1] Sahaba – egindeş, ýaran.
[2] Döwleti Alyýe – osman türkmenleriniň döwleti.
[3] Subhan – ähli kemçiliklerden päk bolan, Allanyň bir ady.
[4] Mälik – eýe, Allanyň bir ady.
[5] Magbut – ybadat edilýän, Allanyň bir ady.
[6] Bagys zikri sowap – niýet dogryny aýtmak.

Hal ede[7] ol ba husus[8],
Müşgili[9] bi irtiýap.[10]

## KÄMI MUHAMMET EPENDINIŇ[11] SOWALY WE SEÝIT FAÝZULLA EPENDINIŇ[12] JOGABY

Eý, şeref[13] musnet[14], şergi[15] kawym[16],
Waý, ylmy efraz[17], rahy[18] mustakym[19].

Eýýedekallahu bitulil-baka[20],
Sellemekallahu bikalbin selim[21].

Boldy ýediňde[22] galam müşkä[23],
Tahfy[24] killtdir[25], genji gadym[26].

Döwlet pazlyňda[27] bolarsa seza[28],
Müşgüli serbeste[29], älemi adym[30].

---

[7] Hal ede – çözer.
[8] Ba husus – hususande, şeýle-de.
[9] Müşgil – kynçylyk, mesele.
[10] Bi irtiýap – gürrüňsiz, şeksiz, gümansyz.
[11] Kämi Muhammet ependi – osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[12] Seýit Faýzulla ependi – osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[13] Şeref – at-abraý, namys.
[14] Musnet – daýanylýan, esaslandyrylýan.
[15] Şergi – şerigat.
[16] Kawym – gaýym, mäkäm.
[17] Efraz – galdyran, beýgelden.
[18] Rahy – ýol.
[19] Mustakym – dos- dogry.
[20] Eýýedekallahu biltulil-baka – Alla seni uzyn bakylyk (ömür) bilen berkişdirsin.
[21] Sellemekallahu bikalbin selim – Alla seni salamat kalp bilen salamat eýlesin.
[22] Ýediňde – eliňde, ýed - el.
[23] Müşk – müşk-anbar.
[24] Tahfy – gizlin.
[25] Kilit – gulp.
[26] Gadym – gadymy.
[27] Pazl – kerem, mähir.
[28] Seza – sylag, öwez, muzd.
[29] Serbeste – başy bagly, gizlin.
[30] Adym – mätäç, ýetmezçiligi bolan.

Pazlyň ile kerem[31] perwera[32],

Müşgülimiz hallyna[33] lutfy[34] amim[35].

Zid[36] werag[37] pişeniň[38] bolsa eger,

Maksady zyba[39] bolan emri azym[40].

Neýle şurug[41] eýleýe tä kim onuň,

Ejzem[42] bolup, olmaýa ger sakym[43].

## SOWAL-JOGAP

— Iň oňat söz nedir?

«Bismillä hirrahimä nirrahym» sözüdir.

— Bu aýat ilkibaşda kime indi?

Hezreti Suleýmana (goý, Allanyň rehmeti biziň pygamberimize we oňa bolsun) indi. Bu Ymam Suýutynyň[44] «Ewweliýat» atly eserinde ýazylandyr.

— Allanyň (azze we jelle)[45] atlary haýsylardyr?

Jansyzlaryň ýanynda Hak Subhan we tagalanyň mähirli ady «Rabbul-arzy we rebbul-felek» (Ýeriň we asmanlaryň eýesi).

— Asmandakylaryň dillerinde nedir?

Rabbus-semawaty wen-natykyn (asmanlaryň we gepleýänleriň eýesi).

—Deňiz-suw dillerinde nedir?

---

31 Kerem – sahawat, mähir.
32 Perwera – ýetişdirýän, kemala getirýän.
33 Hallyna – çözgüdine, çözmekligine.
34 Lutf – mähir.
35 Amim – umumy, hemmetaraplaýyn.
36 Zid – ziýat, artyk.
37 Werag – takwalyk, perhizkärlik.
38 Pişe – iş-pişe.
39 Zyba – owadan, gözel.
40 Azym – uly, beýik.
41 Şurug – başlamak, girişmek.
42 Ejzem – burny kesik.
43 Sakym – hassa.
44 Ymam Suýuty – yslam alymlarynyň biri.
45 Azze we jelle - şany beýik we hemmelere yhsan edýän.

Rabbur-ryh (ýelleriň eýesi).

— Gury ýerde nedir?

Rabbur-ruh (ruhlaryň eýesi).

— Daglarda nedir?

Rabbul-aýat (aýatlaryň eýesi).

—Daşly ýerlerde nedir?

Rabbul-alamat (alamatlaryň eýesi).

— Ösümlikleriň arasynda nedir?

Rabbul-huzrat (gök zatlary eýesi).

— Agaçlaryň ýanynda nedir?

Rabbus-semer (miweleriň eýesi).

— Aýdyňlygyň ýanynda nedir?

Rabbul-hewa (howalaryň eýesi).

— Wagşy haýwanlaryň ýanynda nedir?

Halyk (Ýaradyjy).

— Ikinji ýeriň dilinde nedir?

Rahman (Mähriban).

— Üçünji ýerde nedir?

Rahym (Rehim-şepagatly).

— Dördünjide?

Eziz (Hopmatly).

— Bäşinjide?

Bary (Ýaradyjy).

— Altynjyda?

Haý (Diri).

— Ýedinjide?

Kaýýum (Baky).

— Balyk ýyldyzlar toparynda?

Kawy (Güýçli).

— Öküz ýyldyzlar toparynda?

Mubin (Beýan ediji).

— Tahtes-serada (ýeriň aşagynda)?

Kabyz (jan alyjy).

— Asman aýynda?

Melik (Hökümdar).

— Utarut ýyldyzynda?

Alym (Biliji).

— Zöhre ýyldyzynda?

Semig (Eşidiji).

— Güneş ýyldyzynda?

Maksut (Maksat edilen).

— Myrryh (Mars) ýyldyzynda?

Basyr (Görüji).

— Müşderi ýyldyzynda?

Rafyg (Beýgeldiji).

— Zuhal ýyldyzynda?

Kebir (Beýik).

— Melekut dilinde (ruhy älemde).

Muheýmin (Nazar ediji, Serediji).

— Günüň dogýan ýerinde?

Kerim (Jomart).

— Günbatarda?

Subbuh (Mukaddes).

— Gündogarda?

Nur.

— Gijäniň dilinde?

Settar (Günä örtüji).

— Idris alaýhyssalamyň sahypalarynda?

Feggalul-limä ýurid (Öz isleýänini ýerine ýetiriji).

— Nuh allaýhyssalamyň sahypalarynda?

Bismillä (Allanyň ady bilen).

— Ybraýym alaýhyssalamyň sahypalarynda?

Weliýur-rahmeti (Rehmet eýesi).

— Ýehudylar arasynda Töwratda?

Rahman (Mähriban).

— Injilde?

Rahym (Rehim-şepagatly).

— Zeburda?

Tewwat (Toba kabul ediji), Wehhap (Peşgeş beriji), Gaffar (Günä geçiji).

— Gurhany Kerimde we Burhany Azymda[46]?

Bismillä-hirrahmä-nirrahym.

## DÜRLI DILLERDE ALLANYŇ MEŞHUR ATLARY BARADA

— Ybrany dilinde?

Azunaý.

— Umrany dilinde?

Döw.

— Pars dilinde?

Hudaý, Ýezd, Patyşah.

— Bulgar dilinde?

Bog.

— Çerkes dilinde?

Tuha.

— Kypty dilinde?

Ruwel.

— Majeri dilinde?

Işten.

— Eflaky dilinde?

[46] Burhany azym – uly delil.

Zew.

— Hindi dilinde?

Permetil Mertuder.

— Ermeni dilinde?

Eşwaz.

Hudaýyň atlaryna het we san ýokdyr. Rabbenä ýa Rabbenä, kemä allemtenä esmäuke feheblänä rahmetike ýa erhamer-rahymin (Eý perwerdigärimiz, bize öz atlaryňy öwredişiň ýaly, öz rehmetiňi hem nesip eýle, eý rehmet edijileriň iň merhemetlisi) we ýa ekramel-ekramin (we eý kerem edijileriň iň keremlisi).

## ASMANDAN INEN KITAPLARDA WE SAHYPALARDA PYGAMBERIŇ SÖÝGÜLI ATLARY BARADA

— Töwratda nedir?

Mazmazdyr. Onuň manysynyň «Ýagşy, ýagşy» manysyny aňladýandygy «Şyfaýy şerif» (Mukaddes şypa) atly kitapda aýdylýar.

— Injilde nedir?

Barkilit. Onuň manysy «Mukaddes ruh» diýmekdir. Abul-Apbas hezretleri: «Onuň manysy «Hak bilen batylyň arasyny açyjydyr» diýýär.

— Zeburda nedir?

Akyndyr.

Gurhany Kerimde 99 sany mübärek atlary agzalýar. Arşdaky mübärek atlary Muhammet, Mustapa, Mahmut we Ahmetdir. Allahume salli we sellim aleýh (eý Allam, oňa salam we salamatlyk bolsun).

Käbir sahypalarda onuň ady Ruha, käbirinde Barkilita, käbirinde Hamaýata, käbirinde Muhtar, käbirinde Nebiýýul-melahym (söweş pygamberi) käbirinde mukymus-sunne (sünneti ornaşdyryjy) bilen ýatlanylýar. Bu atlar onuň atlarynyň sypatlaryndandyr. Emma asman kitaplarynda agzalmaklary sebäpli atlarynyň içine girendir.

## OL SALAMLARYŇ AT- ABRAÝYNA GOWUŞAN HEZRETI MUHAMMEDIŇ ASMAN GATLAKLARYNDA ATLARY BARADA

— Dünýä asmanynda?

Mujteba (saýlanan).

— Ikinji asmanda?

Murtaza (razy bolnan).

— Üçünjide?

Muzekki (saplanan).

— Dördünjide?

Muntahap (saýlanylan).

— Bäşinjide?

Muntejap (saýlanylyp alnan).

— Altynjyda?

Mutahhar ( tämizlenen).

— Ýedinjide?

Mukarrap ( ýakynlaşdyrlan).

## OL GÖZLERIŇ NURUNYŇ ÝER GATLAKLARYNDAKY ATLARY BARADA

— Birinji gatlakda?

Mugazzam (beýik).

— Ikinji gatlakda?

Mubejjel (beýgeldilen).

— Üçünjide?

Muhaýýip (günäden daş duran).

— Dördünjide?

Müşerref (abraýly).

— Bäşinjide?

Tahyr (päk).

— Altynjyda?

Eminulla (Allanyň emini).

— Ýedinjide?

Nurullah (Allanyň nury).

## DÜRLI ÝARADYLYŞLARYŇ DILINDÄKI ATLARY BARADA

— Arşy göterýänleriň dilinde?

Mustapa (saýlanan).

— Kerrubiýanlaryň dilinde?

Muhtar (saýlanylan).

— Ruhanyýanda (ruhanylaryň dilinde)?

Mukerrem (keremli, hormatly).

— Arşyň durkunda?

Resulalla (Allanyň ilçisi).

— Kürsiniň durkunda?

Habibylla (Allanyň söýeni).

— Lowhy mahfuzda (asmandaky ýazgyt tagtasy)?

Safyýulla (Allanyň saýlany).

— Tuba agajynyň ýapraklarynda?

Safwetulla (Allanyň dosty).

— Liwäul-hamdda (hamd baýdagynda)?

Haýratulla (Allanyň iň saýlany).

— Allanyň ýanynda?

Abdylla.

— Perişdeleriň ýanynda?

Abdylhamyt.

— Pygamberleriň (goý, Alla olara salamatlyk bersin) ýanynda?

Abdylwehhäp.

— Şeýtanlaryň ýanynda?

Abdylkahhar.

— Jynlaryň ýanynda?

Abdyrahym.

— Dagda ýaşaýanlaryň ýanynda?

Abdylkuddus.

— Ýer topragynyň dilinde?

Abdylgyýas.

— Wagşylaryň dilinde?

Abdyrazzak.

— Ýyrtyjylaryň dilinde?

Abdylla.

— Mallaryň dilinde?

Abdylmömin.

— Guşlaryň dilinde?

Abdylgaffar.

Allahume salli we sellim aleýhi biadedi kulli zerratin elfu-elfin merra (Eý, Allam, oňa her bir zerre mukdary ýaly müňlerçe salam we salamatlyk bolsun).

## IMAN, YSLAM WE BEÝLEKI ÝAGDAÝLAR BARADAKY SOWALLAR

— Yslam nedir?

Resulalla alaýhyssalam aýtdy: «Yslam bäş zada görä bina edilendir.

**1.** Alladan başga Hudaý ýokdugyna we Muhammediň onuň ilçisidigine şaýatlyk etmek.

**2.** Namaz okamak.

**3.** Zekat bermek.

**4.** Oraza tutmak.

**5.** Käbä haj etmek.

Şeýle diýlip „Mesabyh” („Çyralar”) kitabynda ýazylan.

— Yslamyň kesgitlemesi nedir?

Muhammet alaýhyssalama degişli bolan din. Ol dogry akydalary we salyh amallary öz içine alýar. Şeýle görnüşde akyda kitaplarynda ýazylan.

— Yslamyň wajyplary nedir?

Iki baýram namazy, witir namazy, gurbanlyk çalmak, pitre sadakasy, dogan-gardaşlaryň gün-güzeranyna seretmek, haja umra zyýaraty bolmak bilen jemi ýedidir.

— Iman nedir?

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Iman Alla, perişdelerine kitaplaryna, pygamberlerine, kyýamat gününe, haýryň we şeriň Alladan ýazgytdygyna ynanmakdyr. Şeýle diýip «Meşarik» («Maşryklar») kitabynda ýazylan.

— Imanyň kesgitlemesi nedir?

Eziz we Jelil Allanyň we Muhammet alaýhyssalamyň pygamberliginiň dogrudygyny dil bilen ykrar edip, kalp bilen tassyklamak. Şeýle diýlip «Bahrul-kelam» ( „Kelam derýasy") atly kitapda ýazylan.

— Iman ýaradylanmy ýa-da ýaradylmadyk zatmy?

Hakykat taýdan iman ýaradylan zat däldir. Möminiň özi bilen bar bolan bir manydyr. Ynanylýan zat taýdan alanyňda bendeden çykýan iman ýaradylandyr.

Hezreti Gülşeni (goý, Alla onuň syrlaryny mukaddes etsin) hezretlerinden müsür ulamasy: «Siziň imanyňyz näçedir» diýip soradylar. Ol: «Meniň imanym ikidir» diýdi. Ondan: „Ol nähili iman iki bolýar» diýip soradylar. Ol: «Nebsimiň işleri bilen bolan wagtym «(Eý ynsan) saňa ýeten her bir ýagşylyk diňe Alladandyr. Saňa ýeten her bir (ýagşylyk) ýamanlyk bolsa öz etmişiňdendir»[47] aýatyny okaýaryn. Allanyň birligi bilen meşgul bolanynda „Aýt, ähli zat Alladandyr» aýatyny okaýaryn» diýipdir.

## PARZLAR, SÜNNETLER WE OLAR BARADAKY ZATLAR HAKDAKY SOWALLAR

[47] Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 79-njy aýaty.

— Parz namazlarynyň her haýsyny başda kimler okady?

Ertir namazyny başda Adam alaýhyssalam okady. Şol wagtda okap, toba we doga-dileg etdi. Allanyň dergähinde kabul bolandygy üçin ymmata parz boldy. Öýle namazynda Dawut alaýhyssalam gün süýr günortadan agan mahaly ýerine ýetirdi. Arzy hajatlarynyň kabul bolandygy üçin bize parz boldy. Ikindi namazy Ybraýym alaýhyssalam otdan çykan mahaly okady. Agşam namazy Ýunus alaýhyssalam balygyň garnyndan çykanda okady. Ýassy namazy Isa alaýhyssalam okady. Şol wagt nepil (meýletin) okapdylar. Soň bize parz boldy.

— Witr namazy sünnetmi, parzmy, wajypmy?

Hudanyň habyby (goý oňa iň kämil salamlar bolsun) magraja çykanlarynda önürti özleri üçin bir rekagat okady. Ol sünnet boldy. Ikinji rekaty hezreti Ebubekr üçin okady, wajyp boldy. Üçünji rekatyny Hakyň emri bilen ýerine ýetirdi, parz boldy. Bu «Mugtebirat» («Ygtybarly zatlar») kitabynda ýazylandyr.

— Namaza başlamak parzmy ýa-da sünnet bilenmi?

Hem parz hem sünnet bilen. Sebäbi tekbir[48] parz, elleriňi galdyrmak sünnetdir.

— Parzyň ýerine geçýän sünnet nedir?

Mesilere mesh etmek.

— Parzdan öňürti parz nedir?

Amaldan öňürti bolan ylym.

— Parzda bolan parz nedir?

Amaldan soň howp etmekdir.

— Parzdan soň parz nedir?

Amalda yhlasdyr.

— «Men karae fäen fi erbegi mewäzigyn bil-jimi etefsudu em ýelzem sinen» (kim dört ýerde „fi” harpyny „mim” bilen okasa namaz bozulýarmy ýa-da „sin” gerek bolýarmy)?

Abus-sugud[49] jogap berdi: «In känel-musalli mimen ýelzem we illä lä sehwe sejdetin» (Abus- Sugut jogap berdi: „Eger namaz okaýan „mim” bolsa gerek bolýar, ýogsam sähuw sejdesi ýok).

---

[48] Allahu ekber (Alla örän uludyr) diýmeklik.

— Sähuw sejdesi sejdede gerekmi, salamdan soňramy?

Owwaly kaf owwalynda kaf ennesepdir. Ahyry dal owwalynda en-nesendir (Başy kap bolsa, kapä degişlidir. Soň dal bolsa dala degişlidir. Alla oňa rehmet etsin.[50]

— Sünnet bilen nepil (meýletin) namazyň arasyndaky tapawut nedir?

Üç zatdyr. Sünnet niýete mätäçdir. Nepil mätäç däldir. Sünnet wagta mätäçdir, nepil mätäç däldir. Sünnet belli namazlardyr, nepil däldir.

— Semiallahu limen hamideh (Alla özüne hamd aýdany eşider) sözüniň soňundaky «h» harpy Allany aňladýan at çalyşmamy? Ýa-da «kitabiýeh», we „semmeh" sözlerindäki ýaly wakf (dyngy) „h" harpymydyr?

At çalyşmadyr.

— Ol at çalyşma bolýandygyna görä, ony wakf «h» harpy edip okanyň namazy dogry bolarmy?

Bolar. Sebäbi at çalyşmalar hem wakf (dyngy) ýaly okalýandyr.

— Mukaddes Käbä wellä zyýaratyna gideniňde, oňa bakyp okaýanlaryň namazlary dogry bolarmy?

Bolar. Bu ýerde diňe bakmak ýeterlikdir, «Jewähirul-fetawa („Pitwalar göwheri) atly kitabyň „Kitabus-salat" («Namaz kitaby») bölüminde «Eger Käbä wellä zyýaratyna gideniňde, ol tarap ýüzlenip namaz okamaly» diýilýär.

— Mihraba näme üçin mihrap (söweşilýän ýer) diýilýär.

Sebäbi ol ýerde ymam şeýtan bilen söweşýär.

— Kybla näçedir?

Birdir. Emma ygtybar taýdan bäşdir. Nebsiň kyblasy mähRapdyr. Niýetiň kyblasy Käbedir. Pikiriň kyblasy magmurdyr.[51] Kalbyň kyblasy arşdyr. Aklyň kyblasy kürsidir. Bular Abul-Leýsiň «Mukaddime» (Giriş) atly eserinde şeýledir. Bu bäş kyblany bilmek bilen okalan namaza iblisiň waswasylary kär etmez.

---

[49] Abus-Sugut - Osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[50] Bu ýerdäki „ fi", „ jim", „ mim", „ kaf", „ sin", „dal" harpy bilen aýdyljak bolýan zatlaryň manysyna göz ýetirip bolmady.
[51] Magmur – bina edilen.

## WUZUW (TÄRET) ALMAK BARADA

— Wuzuwa näme üçin «wuzuw» diýlip at berildi?

Sebäbi pygamberimiz Resulalla alaýhyssalamdan soralanda ol: „Sebäbi ol gul bilen Rebbiniň arasyndaky günäkärçilik garaňkylygyny aýdyň edýän nurdur” diýdi.

— Näme üçin täretde üç agza ýuwulýar we birine mesh edilýär?

Adam alaýhyssalam jenneti agaçdan iýende mübärek ýüzi bilen ýüzlendi, mübärek gadamlary bilen ýöredi, mübärek elleri bilen gopardy. Şonuň üçin bu üç agzany ýuwmak parz boldy. Mübärek ellerini ýuwmazdan ozal mübärek başyna mesh edendigi üçin emr edildi.

## ORAZA BARADA

— Orazanyň bir aýlap doly tutulmagynyň sebäbi näme?

Adam alaýhyssalamyň iýen dänesi bir aýlap onuň mübärek garnynda galandygy üçindir. Gijelerine hem garnyndady. Gije hem oraza tutardy.

— Hak subhan we tagala Adam alaýhyssalamyň zürýatlaryndan hallary ejiz bolanlary geçirip, olar hakda şeýle diýdi: „Remezan aýy gelende, agyz bekläň. Diňe alty sany kişä tutmazlyga rugsat berilýär. Olaryň hem ygtyýarlary bardyr”. Bu alty kişi kimlerdir?

Mim, soň şin, soň sin, soň aýn, soň ha, soň ridir.

— Bu harplardan tertip bolşy ýaly kimlerdir?

Meriz (syrkaw), şyh (garry), mysapyr (ýolagçy), atşan (köp suwsaýan), haýyz (aýbaşyly) we razyg (süýt emdirýän).

— Teýimde[52] iki agza mesh etmek näme üçin parz boldy?

Ol ikisi däne iýilmekde bolandygy üçin zeruret halynda ikisine mesh etmek parzdygy hakda „Şerhi Tergypda” («Tergyp» kitabynyň düşündirişinde) ýazylandyr.

[52] Teýim – suw ýok mahaly topraga niýet etmek.

— Teýim ilkibaşda kim emr edildi?

Hezreti Nuh alaýhyssalamyň gämisi ýüzüp ýörkä gazap edilen suw bilen Alla ýakynlaşmagyň mümkin däldigi sebäpli emr edildi. Bu Ymam Suýutunyň «Ewweliýat» (Başlangyçlar) atly eserinde nygtalýar.

— Wuzuwda (täretde) her agzany üç gezek ýuwmagyň sebäbi näme?

Birinji ýuwguda nebsi emmara,[53] ikinjide nebsi lewwama[54], üçünjide nebsi mutmeinne[55] päk bolýar. Bu «Şerhi Dakaýyk» (Dakaýyk kitabyna düşündiriş) atly kitapda: «Eger bir gezek ýuwsaň hem ýeterlik, emma bu pikir bilen üç gezek ýuwmak sünnetdir» diýlip ýazylan[56].

— Salam bermek näme üçin sünnet bolup, almak parz boldy?

Hak Subhan we Tagala galama: «Meniň birligimi Lä ilähe illala we Muhammet Rasulalla diýip ýaz» ýüzlenmesi bilen emr edende, galam habyby Huda sallallahy alaýhy we sellemiň adyny eşidende sejde edip: «Eý kerem bilen sypatlanan Subhan! Men seniň beýik adyňy bilýärin. Seniň adyňa ady ýakyn bolan ol Muhammet kim»? diýip soranda onda oňa şeýle yzzatly ýüzlenme boldy: «Eý galam, yzzatymdan we jelalymdan ant içýärin, men bu ýaradanlarymy diňe Muhammediň muhabbeti üçin ýaratdym» diýdi. Haçanda galam Muhammet alaýhyssalamyň adyny eşidende, ikä bölündi. «Esselämu aleýke ýa Muhammet» diýdi. Oňa jogap beren tapylmady. Şonda Allatagala azze we jelle: «Aleýkesselam (Saňa salam bolsun), rehmetim we bereketim saňa bolsun» diýdi. Şondan soň salam sünnet boldy. Sebäbi salam ýaradylandan çykdy. Jogap bermek bolsa parz boldy. Sebäbi ol Halykdan (Ýaradandan) çykdy.

— Selämun aleýkum näme diýmekdir?

«Saňa salamat dileýärin» diýmekdir. Ýagny «Sizi Allanyň diniňižde we nebsiňizde bolan apatlaryndan salamat saklamagyny dileg edýärin» diýmekdir. Bu «Kazy tefsiriniň» şerhinde ýazylandyr.

— Şerigatyň usuly näçedir?

Üçdür.

---

[53] Nebsi emmara – ynsany duýguly zowky- sapalara eltýän nebis we isleg.
[54] Nebsi lewwama – nebsiň ýedi derejesinden biri.
[55] Nebsi mutmeinne – arkaýyn, rahat bolan nebis.
[56] Sünnet – pygamber ýoly.

— Haýsylardyr?

Kitap, sünnet we ijmagy ymmatdyr.[57] Dördünji usul hem kyýas bolup, diniň erkanyna dört esas bolandyr. Ol usula ýakyn bolan, degişli uly rükndir we agzalmaga laýykdyr.

— «Bismillä hirrahma nyrrahymdaky» Rahman sözüniň elibi nähili boldy?

Resulalladan sorag edilende ol «Ony şeýtan ogurlady» diýipdir. Bu «Tefsiri eimmeti zej» (Ymamlaryň tefsiri) atly kitapda ýazylandyr. Jelwetiýe[58] şyhlaryndan Ysmaýyl Hakgy Ependi[59] şeýtan sözi şeýtandan dörändir «Begude» (daşlaşdy) manysyndadyr. Elibi ogurlamakdan maksady rehmet aýlawyna gowuşmakdyr. Emma onuň üçin rehmet sypaty ýokdyr. Bu «Silsilenamalarda» (Zynjyrnama) ýazylandyr.

— Elipbiý harplary näme üçin ýigrimi sekizdir?

Barlygyň mertebeleri ýigrimi sekizdir. Owwal emrde ähli mertebeleriň Muhammet sallallahy alaýhy we sellem hezretlerine berlendigine delildir.

— Kamaryň (Aýyň) menzilleri näçedir?

Ol hem ýigrimi sekizdir, Aý aýlawyndadyklaryna delildir. Galan pygamberlere ýigrimi dört harp berlendir.

— Nokat näme üçin üçdür? Artyk bolmady?

Allanyň birligi çyzgysynda nokat sap zada yşarat bolup, töwhyt mertebesidigine delillik üçin üç bolandyr.

— Töwhydyň mertebesi nedir?

Töwhytyň özeni, töwhytyň atlary, sypatlary we pygyllarydyr.

— Gurhany Kerimde «Iremezätil-ymat»[60] kimiň binýadydyr? Onuň waspy nähilidir?

Şetdat ibn Ad ikiýüz ýyl çykdajy edip uly bir şäher bina edip, gapylaryny dürden, ruznalaryny halys zerden edip, adamlar aý-güne mätäç bolmasynlar diýip mermerden sütünleriň üstüne agaçlar goýdurypdyr. Ol şäheriň adydyr.

— Yllyýýyn nedir?

---

[57] Ijmagy ymmat – ymmatyň bir pikirliligi.
[58] Jelwetiýe – bir sopuçylyk akymy.
[59] Ysmaýyl Hakgy - Osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[60] «Gurlan erem bagy» diýmeklik bolup, bu söz Gurhanyň 89-njy («Fejr») süresiniň 7–nji aýatynda agzalýar.

Hezreti Ferra[61] «Ol jennetiň bir adydyr» diýipdir. Ibn Abbas[62] bolsa «Ýaşyl zeberjetden bolan bir tagtadyr. Ýemini arşa bezeg çyra bolup, oňa ýagşy amallar ýazylar» diýýär. Hezreti Ata[63] «Ol jennetiň hut özüdir» diýýär. Zahhak bolsa «Ol sidratil-munitehadyr» diýýär. Zahhak: «Ol sidratul-munteha» diýýär. Kagbul-Ahbar[64] bolsa: «Ol ýedinji gat asmandyr» diýýär. Bular „Megalimut-tenzilde" (Inen kitabyň öwredýänleri) ýazylandyr.

— Sakaleýn (iki agyrlyk) nedir?

Ynsa we jynsa berlen atdyr. Sebäbi olar ýeriň agyrlygydyr. Ýagny günäniň agyrlygyny göterijilerdir. Bu ady agzalan kitapda ýazylandyr.

— „Kulle ýewmin huwe fi şen" («Ol her gül şandadyr») aýatyndaky „Şen" sözünden myrat näme?

Bu barada Resul alaýhyssalamdan sorag edilende „Günäleriň geçilmegi, gaýgylaryň gitmegi, gamlaryň aýrylmagydyr» diýdi.

— Gurhany Kerimdäki „Ragd" näme?

Ibn Abbasdan rowaýat bolupdyr. Rasul alaýhy ekmelut-t ahyýat (salamlaryň iň kämili oňa bolsun) aýdýar: «Magraj gijesinde bir perişde gördüm. Ýarysy otdan, ýarysy gardan ýaradylan bir perişde bulut üstüne gurlandyr. Buludyň emr edilen ýeri suwdyr diýdi. Onuň sedasy nedir diýip soranlarynda, ol ses bilen buludy gysar we perişan bolanlarynda agzyndan otlar uçurar. Oňa hem „bark" (ýyldyrym) diýilýär». Bu „Şeýhzada" haşyýasynda ýazylandyr.

— „Kowsy kazah" nedir?

„Ol Allanyň gullaryna garkdan beren amanlygydyr. Bu „Mustezryg" atly kitapda ýazylandyr.

— Ruzgär (ýel) nedir?

Rasulalla sallallahy alaýhy we sellem aýtdy: „Ýel Allatagalanyň iberen zadydyr. Ol ýa rehmet bilen ýa-da azap bilen geler".

— Gurhany Kerimde arap dilinden başga söz barmy?

[61] Ferra - dilşynas alym.
[62] Ibn Abbas – sahabalaryň biri.
[63] Ata – yslam alymlarynyň biri.
[64] Kagbul-Ahbar – sahabalaryň biri.

Bardyr. Parsça «istebrak», rumça „kystas”, hindiçe „mişkät” sözleriniň bardygy „Mişkätul-enwar” (Nurlaryň çyrasy) kitabynda ýazylandyr .

— Hak Subhan we Tagala pars dilinde gürlärmi?

Hawa, Resulalla sallallahy alaýhy we sellem Mikaýyldan soranda, ol: „Hawa, ol parsça gürleýär. Ol dilde ähli söz ýumşakdyr” diýlendigi, «Deýlemi tefsiri» atly kitapdan alnandyr. Ysmaýyl Hakgy Ependi «Silsilenamalasynda» «Haktagalanyň ähli dilde gürleýändigi iki ýagdaýdan mälimdir. Biri mukaşyfyna degişli bolany. Biri hem halk dilinden bolany. Sebäbi halkyň dili Hakyň dili diýlendir. Alla subhan we tagala gullaryna aýdýar: „Alla özüni hamd edeni eşidýär” diýýär.

— „Birleşip duran iki deňziň arasynda olaryň birleşdirmeýän berzeh (set), goýduk”[65] aýatyndaky deňizden we berzehden myrat nedir?

Ussatlaryň aýtmagyna görä, iki deňiz Ak deňiz[66] we mübärek Nil derýalarydyr. Berzeh diýýäni biri-birine degýän ýerlerinde uly bir gum bardyr, kä bir tarapyna kä beýleki tarapyna, kä ortasyna ýaýrar. Gäminiň geçmegi mümkin bolmaz. Ol ýere mahsus gämi serkerdeleri bardyr. Ol ýere gelen gämileri olar berzehden geçirýärler. Eger geçmäge ýer bar bolsa, eger ýok bolsa tä bogaz açylýança saklaýarlar.

Tewil ähliniň (ýorumçylaryň) aýtmagyna görä, iki deňizden zahyr we batyl ylym, berzehden bolsa akyl ýetiriş myratdyr.

Hikmet ähliniň aýtmagyna görä iki deňizden ýaşaýyş we ölüm, berzehden barlyk myratdyr.

Ähli yşaratyň aýtmagyna görä iki deňizden maksat jelal we jemal, berjehden bolsa külli älem myratdyr.

Ähli mukaşefäniň aýtmagyna görä iki deňizden wajyplyk we mümkinçilik, berzehden bolsa jisim myratdyr. Tasawwuf ähliniň aýtmagyna görä iki deňizden mebde we megat (başlangyç we ahyr), berzehden bolsa ynsan myratdyr.

Ähli tahkyk ezel, ebet we tagaýýunat, ähli töwhyt ahadyýet, wahydyýet we älemi mysaly mutlak myratdyr diýýärler.

---

[65] Gurhanyň 55-nji («Rahman») süresiniň 20-nji aýaty.

[66] Ortaýer deňzi.

— Şeýhi Ekber[67] hezretleri „Men Gurhan we „Alham” süresidirin diýýär. Myratlary nedir?

Hezreti Uftada[68] «Adalatly ynsandyryn, men Gurhany Kerim okamagynda aşa gidiji” diýmekdir d. Mansuryň sözi hem hem „Men Haka tabyn bolmakda aşa gidýän” diýmekdir» diýýär.

— Ynsanlaryň iň abraýlysy we hormatlysy kimdir?

Hezreti Isa alaýhyssalamdan soranlarynda Ol: „Allanyň ýanynda iň hormatlanýanyňyz siziň takwa bolanyňyzdyr” diýipdir.

— Uly perişdeler näçedir?

Meläýike „melek” (perişde) sözüniň köplük sanydyr. Şemaýylyň şimal sözüniň köplük sany bolşy ýaly. Şonuň üçin ol aýallyk jynsyndadyr. Ol «Uluke» sözünden dörändir. Ilçilik manysyndadyr. Beden gaýgylaryna beýik göwherler üstündigi üçin gaýgydan hiç yz ýokdur. Olaryň erkek, aýal, iýme, igme we köpelme ýaly zatlary ýokdur. Alla bilen ynsanlar arasynda bolup elmydama Hakyň emrine tabyndyrlar. Olaryň iýmek-içmekleri hakda Resulalladan soranlarynda «Olaryň iýmiy tesbih[69] we tahlyldyr»[70] diýipdir. Bu «Tefsiril-Kazyda» (Kazy tefsirinde) ýazylandyr.

— Peri näme?

Jyndan bir taýpadyr. Emma olar duýgur we özüne çekijidir. Hatda olaryň käbiriniň käbir ymamlara mübtela bolandygy hem hakykatdyr. Hezreti Şemseddine bir peri mübtela bolup, hyýaly surat bilen pişik keşbine girip köp wagt ýanlarynda bolýar. Bir gije hem mübärek hüjreleriniň gapysyny kakýar. Ol ukuda we rahat ýatyrka daşardan geň at bilen bir ses gelýär. Şemseddin ukudan oýanyp, hereket etmänkä, pişige «näme isleýärsiň» diýende, «aç gapyny içeri gireýin, garnym aç» diýýär. Gapy açylmaýar. Şemseddin bismillä bilen gapyny set etdi. «Iýer ýaly zat ýokdur, diňe bişirlen kebabyň çişleri bar. Gapynyň aralygyndan uzadaýyn, onuň bilen çäklen» diýip çişi daşary uzatdy. Şemseddin ol gije sesini çykarmady. Irden gije eşiden ady bilen pişigi çagyrdy. Ýanyna gelende Şemseddin «Siziň hemme

---

67 Şeýhi Ekber – Muhýiddin Araby.
68 Hezreti Uftada – osmanly döwletinde ýaşap geçen pirleriň biri.
69 Tesbih – Subhanalla diýmeklik.
70 Tahlil – Elhamdulillä diýmeklik.

wagt biziň ýanymyzda bolmagyňyz dogry däldir. Kowmuňyza gidip kä mahal geliň» diýende, pişik onuň mübärek aýaklaryna ýüz sürüp gidendigi barada aýdylýar.

— Alymlaryň kitaplarynda «Eger bir jyn bir aýala aşyk bolup, onuň äri ýaly bolup, oňa jynsy gatnaşyk etse, ol aýal gusul almalymy?» diýilýär?

«Gusul gerek däl». Bu şeýh Muhammet Kazynyň[71] pitwalarynda, «Durar» (Dürler) we «Halaby» atly kitaplarda aýdylýar.

— Jyn näme?

Jyn göze görünmeýän we gürläp bilýän mahlukdyr. Ýöne olaryň işleri we sözleri bildirilýändir. Allatagala aýtdy: «Jynlary biz temum odundan ýaratdyk». Olar iýip-içýärler. Olaryň aýal erkekleri bardyr. Köpelýärler, olar otdan we howadan, iki ýeňil elementden bolup, ruh hem bar bolup, hereketleri köpdur. Bedenleri bölek eşik bilen ýapylýar. Şonuň üçin, ynsana seretmäge güýçleri ýokdur.

— Jynlara hem jennet we jähennem barmydyr?

Bardyr, käbir tefsirçiler „Amal edenleriň sogaby nähili oňatdyr»[72] aýatynyň düşündirilişinde şeýle diýýärler: „Ymam Agzam hem jynlardan möminlerede jennet wada berlendir» diýýär.

— Şeýatyn (şeýtanlar) nedir?

Şeýtan sözüniň köplük sanydyr. Olaryň erkek, aýallary köpelmekleri bardyr. Ýöne olar ýok bolmaýarlar. Iblis ýaly bakydyrlar.

— Iblis kimdir?

Käbirleri oňa Abul-jyn (jynlaryň atasy) diýýär. Ýöne Abul-jyn Iblisden başga biridir we hebeşidir. Iki oýlugynyň birinde erkeklik agzasy, birinde aýallyk jyns agzasy bardyr. Olary biri-birine sürer, perzent dörär. Bu „Şerhul-fususda” (Fusus kitabynyň şerhi) aýdylýar. Şeýtan wehm ediji we hyýaly zatlar bilen rugsatlydyr. Ol adamlary Hakdan uzaklaşdyrýar. Şeýtan ynsandan we başgadan hem bolup

[71] Osmanly döwletinde ýaşap geçen almlaryň biri.
[72] Gurhanyň 3-nji («Äli Ymran») süresiniň 136-nji aýaty.

bilýär. Umuman Allanyň razylygyndan şum ryzaçylyga eltýän şeýtandyr. Habardar bolup, Alla sygyn.

— Şeýtanyň ynsandan bolmagyna hem delil barmy?

Bar. Bu barada: «Haçan öz şeýtanlarynyň ýanyna baranda biz siziň bilen bile. Biz olar bilen oýun edýäris» aýatynyň[73] düşündirilişide «Haçan-da ýolbaşçylarynyň we jadygöýleriniň ýanyna girende» diýlip düşündirilýär.

— Allanyň ýanynda ýagşy işleriň iň üstüni nedir?

Ýagşy ahlakdyr.

— Parzdan üstün amal nedir?

Resulalla alaýhyssalam aýtdy: „Parzlardan soň iň ýagşy amal ýagşy ahlakdyr”.

— Erbetligiň iň ulusy nedir?

Erbet ahlakdyr.

— Ynsanyň iň erbet duşmany kimdir?

Ynsanyň iň erbet duşmany ikitarapyndaky nebsidir.

— Haktagala ynsany näme üçin ýaratdy?

Hezret Alydan soranlarynda, ol «Üç zat üçin ýaratdy. Biri ajaýyp mahlukatyna we gudrat-kuwwatyna çäk ýokdugyna görüji we biliji gerek, beýik nygmatlaryna çäk ýok, olary iýýü gerek, bagyş we yhsan-keremine çäk ýokdur, oňa günäkär gerek» diýdi.

— Asmanyň hiç hili diregsiz ýaradylmagyna sebäp näme?

Allanyň işi ýaradan zatlarynyň işiniň tersi bilen bolup, özüniň gudratynyň kämilligini bize bildirmek üçin öňürti asmany, soň hem esasyny ýaratdy.

— Isa alaýhyssalam ýok bolman, asmanda bolsa hem, Gurhanda «Haçanda meni öldüreniňde»[74] diýilmegine sebäp näme?

Fahry Razy hezretleri «Teweffä» (wepat eýledi) bilen «newmä» (uklady) arasynda ýaşamaklaryny amala aşyrdy diýmek islenildi» diýýär.

— Adam alaýhyssalam haýsy ýerde ýaradyldy?

---

[73] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 14-nji aýaty.
[74] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresiniň 117-nji aýaty.

Arafat bilen Taýyf arasynda bolan Nugmnl deresinde palçykdan ýugrulyp, ynsan suraty emele gelensoň, jenneti agla göterilip jennet köwseri bilen garylansoň ruh üflendi.

— Ynsan nämeden hasyldyr?

On dört zatdan. Dördi atasyndandyr: deri, süňk, siňir we damar. Dördi eneden: et, ýag, gan we saç. Altysy gudrat hazynasyndandyr: eşitmek, görmek, ysgamak, datmak, degirmek, duýmak.

— Ynsan näçe görnüşdir?

Üç. Biri rahmanydyr, hümmet-gaýraty elmydama tagatynadyr. Biri nebsanydyr hümmeti elmydama iýip-içmäge we geýim-gejimdir. Biri şeýtanydyr, hümmeti elmydama pyssy-pyjurlyk we lagnat işlerdir.

## TALAK HAKYNDA

— Äriň talagynyň üç bolmagynyň sebäbi näme?

Ynsan üçin mertebe bardyr. Jeset mertebesi, ruh mertebesi, kalp mertebesi. Bir talak bilen jeset aýrylýar, biri bilen ruh dostlugy aýrylýar. Biri bilen kalp muhabbati galmaz, haram bolar. Ol başga birine baryp aýrylmasa, nika dogry bolmaz.

— Bir hatyn bir aýda üç zada akt edilse, üçi hem dogry bolýar, nähili bolýar?

Hamyla wagty äri talak berenoň, on gün geçensoň çaga dogrup yddaty gutaryp, soň akt edilse üçüsi hem dogry bolar.

— Biriniň aýaly bir ýyl haram bolup, ýyl geçensoň ýene halal bolsa, nähili bolýar?

Är-aýal hajyda bolup, yhramdan soň hajy gutarýarlar. Haj etmeseler halal bolmaz. Geljek ýyl haj ederler, halal bolar.

— Hoş geldiňiz biziň ärlerimiz we ogullarymyz diýipdirler? Nähili bolýar?

Her haýsy başga biriniň ogluna nebislerini akt edipdirler (nikalaşypdyrlar). Sözleri dogry bolýar.

— Şahyryň biri bu barada şeýle diýipdir:

Gündiz üç gezek aýalyma ýanaşdym ýöne munda hiç hili gusul almadym,

Meniň bedenim dogry boldy, suw taýýar,

men metjitde jemagat bilen bäş wagt namaz okadym.

Men ony diňe bilgeşleýin we bilip etdim,

Men Kuraýyşly Ahmediň dinlidedirin. Bu nähili bolýar?

Şahyr bu ýerde bir gije ýassyny, ol gije geçensoň ertir namazyny, öýläni, ikindini jemagat bilen metjitde eda edensoň, gün batansoň aýaly bilen üç gezek ýanaşyp, şol mahal hem gusul alyp agşam namazyny hem jemagat bilen metjitde okandygyny beýan edýär.

## GÜN WE GIJELER HAKDA

— Gadyr gijesine näme üçin «gadyr» diýip at beripdirler?

Ol mübärek gije ähli ruhlaryň işleri, sözleri, hal-hereketleri we beýleki hallarynyň takdyry beýan edilip, ýakyn perişdeler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Olar hem Hakyň emri bilen her haýsyny wagt bilen bildirýärler. Şonuň üçin gadyr diýlip at goýuldy. Hatda hemmeleriň ýagdaýlary bir kitap bolup, ýylyň soňuna çenli ol kitapda ýazylanlar ýüze çykýar. Bu käbir tefsirlerde ýazylandyr.

— Mübärek aýda näme üçin „aýt» diýlip at berildi?

Aýt sözi «uýut» sözünden dörändir. Adam alaýhyssalam jennetden çykansoň, ol günde tobalary kabul bolup, jennete giren ýaly boldular. Şonuň üçin oňa «aýt» diýildi.

— Näme üçin „arafa» ol at berildi? Şeýle hem „arafat» diýilmeginiň sebäbi näme?

Ol mübärek günde ol ýerde Jebraýyl alaýhyssalam Hezreti Ybraýym alaýhyssalama hajyň dessurlaryny öwredensoň „arefte» ( bildiňmi?) diýdi. Ol hem «araftu» ( bildim) diýdi. Şonuň üçin oňa, ol güne arafa, ol daga hem Arafat diýlip at goýuldy.

— Aşura diýlip muharram aýynyň onynjy gününe diýilýärmi ýa-da ol günde bişirlen tagama aýdylýarmy?

Alymlaryň köpüsi ol günüň adydyr diýýärler.

— Nowruz diýilmegine sebäp nedir?

Jemşit hekim we münejjimdi. Ol Istahrda bir uly münber bina edip, gün süýr günortana gelende, ol münbere çykyp tagta çykdy. Şonuň üçin ajamlar ol güne Nowruz diýip at berdi.

— Bazar gününe (ýekşenbe) «ehat» diýilmeginiň sebäbi näme?

Wahyt, Ehat (bir) bolan Haktagala älemi alty günüň içinde ýaradandygy üçin we onuň ilkinji günüdigi üçin ehat diýip at berdi.

— Bazar ertesi (duşenbe) gününe «isneýn» diýilmeginiň, şeýle hem bäşinji güne juma diýilmeginiň sebäbi näme?

Ol günde ähli mahlukat ýaradylyp jem bolandygy üçin juma diýildi.

— Näme üçin altynjy güne „sebt» diýildi?

Ol günde ähli ynsanlaryň ýagşylyklary we erbetliklerini ýazmak üçin iki sany perişde bellenendigi üçin «sebit» diýildi.

— Wagtlaryň iň haýyrlysy haýsydyr?

Juma güni ikindi bilen agşam arasydyr we daň atansoň gün dogýançadyr. Ýekşenbe güni gün dogandan tä öýlä çenlidir. Duşenbe güni öýleden ikindä çenlidir. Sişenbe güni ikindiden agşama çenli, çarşenbede guşluk wagtyndan ikindä çenli, penşenbede günortadan öňürtidir.

— Gije-gündiziň ýaradylmagy nämedendir?

Hak Subhan we Tagala belent jennetleri ýaradansoň hezreti Jebraýyl alaýhyssalam girmäge we seretmäge bellendi. Ol girip we seredip görensoň, heý nogsan gördüňmi diýildi. Ol nogsan görmedim, ýöne däne mukdarynda zulmat gördüm diýdi Haktagala ol zulumaty çykardy we ondan gijäni ýaratdy. Şeýle hem jähennemde däne ýalyjak nur gördüm diýdi. Ol nur hem çykaryldy we gündiz ondan ýaradyldy.

— Günüň we aýyň ýagtylyklary näme üçin deň däldir?

Allatagala özüniň kemaly, pazly we lutfy bilen aýaty gije-gündiz görülmegi bilen ýok edensoň gije-gündiz mälim bolar.

— Gündize näme üçin «nehar» diýildi?

Gaýrat, zähmet, talap, kesp, gün-güzeran wagty bolandygy üçin.

— Gijä näme üçin «leýl» diýildi?

Sebäbi onda erkekleriň aýallara bolan söýgi-muhabbeti bar.

— Jennetde gün we aý barmydyr?

Ýokdur.

— Onda jennetdäki röwşenlik niredendir?

Muhammet alaýhyssalamyň jemalynyň nury bilen röwşendir.

— Resulallanyň kölegisiniň görünmeýänliginiň sebäbi näme?

Habyby Hudanyň (goý oňa salamlaryň iň kämili bolsun!) nury ýüz müň esse günden nurludyr. Güneş we aý özleriniň nurlaryny onuň mübärek nurlaryndan alypdyrlar. Nuruň hem kölegisi bolmaz. Güneş asmanda dördünji gatda bolup her asmanyň arasy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Onuň şöhlesine päsgel gelmän, bulutlar onuň nurunyň üstüni örtýär. Köp bulut nury şemsi latyfdyr. Kesif latyfyň üstüni örter. Güneş togalagy artyklygy we nogsanlygy kabul emez.

— Aý näme üçin artyk we nogsan bolýar?

Güneş her gije ýeriň aşagynda Allatagala hezretlerine sejde eder. Şonuň üçin şanyna nogsan gelmez. Emma aýda aýyň on dördünji gijesinde sejdä gowşup, başda aýdyňlygy sejdäniň şowky bilen artyp, soň sejdäniň azlygy bilen nogsan bolar. Bu Abu Ibn Nejimiň[75] pitwalarynda ýazylandyr. „Şerhi akaýytda” (Akaýyt kitabyna düşündiriş) güneş namaz wagtlary üçindir. Aý wagty kesgitlemek üçin, aý dünýä üçin bolar. Din nogsanlyk we zyýadalyk kabul etmez. Dünýä üçin bolan aýdyr diýilýär.

— Güneşiň we aýyň nurlary kyýamat gününde sönüp, şekillleri jähenneme alyp gidiljekdigini alymlar aýdýarlar. Munuň sebäbi nedir?

Güneşe we aýa ybadat edenlere hal we şanlaryny bildirmek üçindir, ýogsa azap üçin däldir. Sebäbi olar otdan ýaradylandyr.

[75] Osmanly döwletinde ýaşap geçen almlaryň biri.

— Uky näme?

Ölümiň dogany.

— Düýş näme?

Ibn Hallikanyň aýtmagyna görä, ynsanyň bäş sany içki we daşky duýgusy bardyr. Uky mahaly daşky duýgylar amaldan galýar. Içki duýgylaryň hökmi ýöreýär. Kalbyň aýnasy lowhy-mahfuza deň bolar. Lowhy-mahfuzdan kalp aýnasy şöhlelenýän suratlar düýş diýýänleridir. Emma duýgy amallary ol suratlara garyşyp asyl görülýän zady tapawut müşgül bolar. Kämahallar kalp sap bolar, duýgy garyşmaz. Düýş bolşy ýaly görüner diýipdirler. Bu meselede köp söz aýdylandyr.

— Izgasy  ihlam (bulam-bujar düýşler) sözüniň manysy näme?

Söz manysy bir tutum dürli reňkli ota diýilýär. Ol bir zada ýaramaz. Düýşüň içki duýgulary tä amallar bilen garyşsa oňa izgasy ihlam diýilýär. Ol düýşe amal edilmez diýip ýorum ederler.

## PYGAMBERLER WE SAHABALAR HAKDA SORAGLAR (PYGAMBERLERIMIZE ALLANYŇ SALAWATY WE OLARYŇ HEMMESINE BOLSUN)

— Resul alaýhyssalamyň, hormatly pygamberleriň we hormatlanýan pygamberleriň ýagşy yslary nähilidir?

Habyby ekrem, nebiýýi muhterem Sallallahy alaýhy we sellem hezretleriniň gyzyl gülüňki ýaly ysy bardy. Beýleki beýik pygamberleriň seferjil gülüne meňzeş ysy, beýik perişdeleriňki alma deň, Abubekriňki garpyza, Omar Faruk hezretleriniňki anbara, Osman Zunnuraýn hezretleriniňki melewşä, hezret Alynyňky ýasemine meňzeş, hemmesi meňzeşlerinden müň esse üstün we näzikdir.

— Resulallanyň döwründe kimdir birine pitwa bermäge rugsat berildimi?

Berildi. Medine Münewwerede muhajirlerden Omar, Osman we Ala berildi. Ensarlardan: Ubeý ibn Kagb, Muraz ibn Jebel we Sabyt dagylara rugsat berlendigi

«Buhary şarihi Kirmanyda» (Ymam Buharynyň hadys kitabynya düşündiriş ýazan Kirmanynyň eserinde) ýazylandyr.

— Abu Bekr Hezretleriniň ady nedir?

Abdur-rahmetdir.

— Abu Ýusubyň  ady nedir?

Ýakupdyr.

— Şapygy hezretleriniň ady näme?

Muhammetdir.

— Başda yslamyň başynda hökümde kazylygy kim edendir we pitwalary kim berdi?

Hezreti Abubekr.

— Ilkibaşda kim kazyl-kuzat (kazylar kazysy) adyny aldy?

Abu Ýusup hezretleri.

— Ilkibaşda hüjjet ýazylmagyna we şaýat bellenmegine sebäp bolan kimdir?

Adam alaýhyssalamdyr. Meşhedi aglada ähli zürýadynyň hal we şanlaryny görüp, hezreti Dawudyň ömürleriniň azdygyny bilip öz ömürlerinden kyrk ýylyny bagyş edip, soň ömürleriniň ahyrynda ölüm perişdesi ruhuny almaga gelende «Meniň ýene kyrk ýyl ömrüm bardyr» diýende ýazylan hüjjet we bellik şaýat bolandyr.

— Pygamberleriň arasynda hezreti Jebraýyl alaýhysslamyň araçy bolmagyna sebäp nedir?

Uly perişdeler Adam alaýhyssalama sejde bilen emr edilenlerinde ähli uly perişdeler sejde edip, Iblisiň sejde ýeri boş galanda Jebraýyl alaýhyssalam rowa görmän, ol ýerde hem sejde etdi. Hak Subhan we Tagala «näme üçin sejde etdiň» ýüzlenmesine mynasyp bolanda «ol ýeriň sejdeden boş galmagyny saňa rowa görmedim» diýende, Haktagala oňa: «Beýle bolsa ilçi bol, ýagny pygamberler bilen meniň aramda» diýýär. Şonuň üçin hem munuň beýledigi «Mişkätul-enwarda» ýazylandyr.

— Isa alaýhyssalama näme üçin Mesih diýilýär?

Sebäbi Jebraýyl alaýhyssalam ony mesh etdi (sypalady).

— Musa alaýhyssalamyň hassasynyň ady näme?

Alykdyr.

— Hasa ajdarha öwrülende ol ajdaryň ady nedir?

Safurdyr.

— Garynjanyň hezreti Süleýmana sowgady nedir?

Garynja Suleýmanyň ýanyna gelende agzynda çekirtgäniň aýagy bardy. Ony sowgat berdi. Ol arassa dil bilen şeýle diýip hiňlendi we ötünç sorady: «Sowgatlar sowgat berýäniň derejesine görädir».

— Ol garynjanyň ady nedir?

Ol garynjanyň ady Ajlufdyr.

— Ol erkekmi ýa-da urkaçymy?

Urkaçy, sebäbi Gurhany Kerimde. „Kalet nemletu” (garynja aýtdy) diýildi.[76]

— Erkek garynjanyň ady näme?

Kehzebundyr.

— Altyn we kümüşiň bendelere gymmatly bolmagynyň sebäbi barmydyr?

Bardyr.

— Nedir?

Adam alaýhyssalam jennetden çykanda, onuň aýrylanyna ähli jennet ýaşaýjylary, daşlary, agaçlar, otlar we magdanlar gynandylar, diňe altyn bilen kümüş gynanmady. Rebbul-älemininiň kemaly hikmeti bilen „Siz näme üçin pygamberden aýrylanynyňyza gynanmadyňyz” diýildi. Olar hem: «Ýa Reb, biz ýaradylanlarlar. Siz halyk. Siz näme ýaratsaňyz biz oňa razy. Şonuň üçin razy bolýarys, oňa gynanmaýarys» diýýenlerinde hak Subhan we Tagala: „Eger siz meniň ryzamda beýle bolsaňyz, sizi adam oglunyň zürýatlarynyň işlerini görmäge belledim. Sizi aralarynda eziz we ygtybarly eýledim” diýdi. Akly bolana mundan paý şudur. Razyçylyk doly manyda Hakda bolup, ýazgyda ryza bolanlar altyn we kümüş ýaly gymmatly bolar.

— Altyna näme üçin «zeheb»[77] diýildi?

---

[76] Bu ýerde «kalet» (aýtdy) diýilmegi aýallyk roduny aňladýar.
[77] Zeheb – gitmek diýmek.

Sebäbi ol gidiji, galyjy däl.

— Kümüşe näme üçin «fizza» diýildi?

Sebäbi ol hajatlara bölünýär. Bir ýerde karar tapmaýar.

— Dört çaryýarlaryň halyflyklary näçe möhletdir?

Hezreti Abubekr iki ýyl, Hezreti Omar Faruk on ýyl, Hezreti Osman on iki ýyl, Hezret Aly alty ýyl. Jemi 30 ýyldyr.

— Hezreti Aýşanyň ýazan eserleri barmydyr?

Bardyr.

— Haýsylardyr? Beýan ediň?

Pygamber alaýhyssalamyň waspy üçin ýazany:

Eger Müsürde ýüzüniň wasplaryny eşitselerdi,
Ýusuby görmek üçin tagalla edenler Zuleýhany tankytlap ony görenler,
Eger onuň husnuny gören bolsady,
älemdäkiler bilen kalylaryny kesmek bilen täsirlenerdiler.

— Hezreti Fatma näme üçin Zehra diýildi?

Başda haýyz görmändigi üçin hatda onuň perzentleri gün batyp barýarka bolup, gün batansoň şapakda päk bolup, ýassy namazyny okandygy üçin.

— Çaga mahallary dil açanlar kimlerdir?

«Jamigus-sagyr» (Kiçi ýygyndy) düşündirişinde diýlipdir. Şygyr:

Sallançakda Muhammet, Ýahýa, Isa Halyl,
Merýem, Sahyby Jureýh, soň Ýusubyň şaýady,
Mmüslümiň rowaýat eden,
Uhudlardan bolan çaga we ýene bir çaga.

— Jennete giren haýwanlar näçedir?

Ondur. Resulallanyň düýesi, Süleýman alaýhyssalamyň garynjasy, Ýunus alaýhyssalamyň balygy, Useýr alaýhyssalamyň eşegi, Ysmaýyl alaýhyssalamyň

goçy, Ybraýym alaýhyssalamyň gölesi, Musa alaýhyssalamyň goýny, Salyh pygamberiň düýesi, Bylkysyň hüthüt guşy, ýedi weliniň Kytmyr atly iti.

— Olar öz suratlary bilen jennete girerlermi?

Allanyň olary owadan goç suratyna öwürjekdigi we jennete saljakdygy ygtybarly kitaplaryň köpüsinde ýazylandyr.

— Mensuhat (keşbi üýtgedilenler) näçe sanydyr, kimlerdir we näme üçin keşbi üýtgedildi?

Jemi ýigrimi dörtdir. Biri luty adamdyr (beçebazdyr). Biri «Maide» süresini[78] inkär edendir. Ol hristiandy, goýun suratyna öwrüldi. Biri adamlary öz nebsine çagyrardy, aýy boldy. Biri ýolkesendi, möjek boldy. Biri şenbe güni aw ederdi, ýehudydy, maýmyn boldy. Biri aýbaşydan gusul almaýan aýaldy, towşan boldy. Biri hajylaryň zatlaryny ogurlardy, suwulgan boldy. Biri deýýus bolup adamlary ähline çagyrardy, ýylanbalyk boldy. Biri dilinden we elinden hiç kim sag-salamat bolmazdy, içýan boldy. Biri gep gezdirerdi, aýy balygy boldy. Birini ärine jyns gatnaşygyny etdirmezdi, pyşbaga boldy. Biri ärine jady ederdi, möý boldy. Biri hurma agajyndan hurma ogurlardy, ýarganat boldy. Biri kepen ogurlardy kirpi boldy. Biri halky hukugyndan aýrardy, muňa razydy, it boldy. Biri pyssy-pyjurlykdan gaça durmazdy, eşegary boldy. Biri goňşularyna ezýet bererdi, gemiriji boldy. Biri kepen ogrusydy. Biri hammama peştemalsyz (iç-eşiksiz) girerdi, garga boldy. Biri hem Zöhre atly gyzdyr. Ol Beni Ysraýyl hökümdarlaryndan biriniň söýgüli gyzydy. Harut we Marut onuň bilen pitnelenendir. Biri hem halk barada özünden toslap ýazýan bir kätipdi, süheýl boldy.

— Bu ady agzalan mahluklaryň nesli galdymy?

Galmady, her haýsy üç gün ömür sürüp heläk bolandyrlar.

— Harut we Marut kimlerdir?

Käbir tefsirçi alymlar iki perişdedir. Biriniň ady Aza, biriniň ady Azaýyldyr diýipdirler. Käbirleri surýan perişdelerinden iki perişdeler bolup olaryň atlarydyr. Dogrusy Alla biler.

---

[78] Gurhanyň 5-nji («Maide») süresi.

— Araplardan näçe pygamber geldi?

Ýedi kişidir. Ybraýym, Ysmaýyl, Hut, Lut, Salyh, Şugaýp we Muhammet alaýhyssalamlardyr.

— Akyl näçe bölekdir?

On bölekdir. Bäşi zahyrda mälimdir. Pespällik, halymlyk, kerem, hal we söz, magruf kişileriňkidir. Bäşi batynydyr. Pikir etmek, howp-umyt, günäden toba etmek, nebsi peseltmek we nazar ybrat alýanlaryňkydyr.

## NEPIS SORAGLAR WE AJAÝYP JOGAPLAR

— Kowl (söz) kelemesi «bi» harpy bilen ulanylýarmy?

Hawa, «Welem ýekun bihi ehadä» (oňy hiç kim aýtmady).

— «Şeý» sözi munsaryf (düşüm kabul edýän) bolarmy?

Hawa, «Lä tusel an eşýäin». ( Zatlar hakda sorama).

— Lafzatulla (Alla sözi) doldurgyç bolarmy?

Hawa, Estegfirullahe ( Alla toba edýärin).

— Zeýt fagyl (eýe), Amr näme üçin doldurgyç boldy?

Zeýd pygamber sahabalaryndandyr, Amr bolsa Ýezidiň kowmundandyr.

— Bir ymam bir ymama «gozgun»[79] diýse näme bolar?

Hiç zat bolmaz.

— Ependi diýmek türkimi ýa-da araby? Manysy näme?

Türki bilen kapyrlar diliniň arasynda ortakdyr. Sabyn sözüniň manysy ýaly gul-gyrnak eýesi diýmekligi aňladýar. Golastynda zat bolmadyga ependi diýilmeýär.

— Haktagala ependi diýmek dogry bolarmy?

Ýok, ýalňyşdyr. Bu Abus-sugudyň sözüdir.

— Hoja näme diýmekdir?

Horazyň kekejine, umuman guşlaryň kekejine diýilýär. Soň mugallymlara hormat maksady bilen at bolup galypdyr.

[79] Gozgun – garga guşy.

— Ylym abraýy bilen nesil abraýy deň bolarmy?

«Heý-de bilenler bilen bilmeýänler deň bolarmy».[80] Siz bu meselede näme diýýärsiňiz, Alla sizden razy bolsun.

— Rejep munsaryf bolýarmy ýa-da ýok?

Bolar. Samme rejeben tera ajaben (Manysy: Rejebiň agzyny ýapdy, ajaýyplar gördi).

— Gyzoglan öwlat bolarmy?

Bolmaz, öwlat öwlat bolar. Kazy girmegine höküm etse bolar.

— Mömin şeýtany görmez, şeýtan mömini görer. Sebäbi nedir?

Mömin nury imanda, şeýtan zulmatdadyr. Nurda bolany zulmatda bolan görer.

— Zeýt bilen Amr sözleşende «nedir ol burun» diýse näme gerek bolar?

Ygtybarly kitaplarda görmän durup, Abbusugut meşhur alymlardan Altybarmak[81] hezretlerine talyplaryňyzyň köplüginiň sebäbi näme diýip soranda ol «Bir barmagymyzyň artykdygy sebäplidir» diýdi. Baýazit Bistamy hezretlerine pylan kişi her wagt käbä gider diýýärler. Siz näme diýýärsiňiz diýenlerinde „şeýtan hem bir sagatda Magrypdan Maşryga gider” diýdi.

— Ilkinji gezek kime soltan diýildi?

Mahmyt Söbüktegine.[82]

— Sakalyň bir tutumdan artygynyň aýrylmagy gerekmi ýa-da zyýany ýokmy?

Kesmek gerek.

— Kim «kim lä ilähe illala diýse ol kapyrdyr» diýse, ol kapyrdyr (onuň özi kapyrdyr diýen manysynda). Pyrgun, Haman[83] wen-nebiýýin hemmesi jähennemdedir, näme diýmekdir?

Wen-nebiýýindäki «waw» harpy kasam üçindir. Pygamberleriň haky üçin Pyrgun we Haman jähennemdedir diýmekdir.

— Tabaryýe suwy nähili suwdyr?

Tabarystanda ýedi ýyllap akýan we ýedi ýylap gurak bolýan çeşmedir.

[80] Gurhanyň 39-njy («Zümer») süresiniň 9-njy aýaty.
[81] Altybarmak - osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[82] Mahmyt Söbüktegin – gaznaly hökümdary.
[83] Pyrgun we Haman – kapyr hökümdarlar.

— Ýer ýüzündäki derýalar, çaýlar nämeden peýda bolýar?

Hak Tagala Adam alaýhyssalamy ýaratmak isläp, ýer ýüzüne ýüzlendi: „Senden özüme orunbasar we ynsan ýaratmak isleýärin. Olaryň käbiri maňa tabyn bolup jennete, käbiri hem asy bolup jähenneme girerler”. Onda ýer ýüzi aglady we derýalar, deňizler, çaýlar, emele geldi. Bu «Mişkätul-enwarda» ýazylandyr.

— Nahşep Aýy nedir?

Nahşep şäherinde bir guýy bar. Oňa nahşep guýusy diýýärler. Içine seretseň Aý ýaly hup zada meňzeýär. Onuň adydyr.

— Tahte siraç (çyranyň aşagynda) diýmek nedir?

Kazerun şäherinde bir medresede Abu Yshak Kazeruny hezretleri bir çyra ýakypdyr. Onuň heniz hem şöhle salýandygy «Şerefnäh» atly kitapda ýazylandyr. Onuň adydyr.

— Deşti Mugan nirededir?

Tatar ýurdunda bir sähranyň adydyr.

— Dünýäniň ählisi näçe parsahdyr?

On dört müň parsahdyr. Müň parsahy sudan (garaýagyzlar), sekiz müňi rumi, üç müňi pars, müň parsahy türk, müňi çyndyr.

— Dünýäniň ortasy niredir?

Beýtil-mukaddesdir. Mahşer ýerinden mühendisleriň (injenerleriň) aýtmaklaryna görä Mekge Mükerremden bir çeker uzaklykda bolan ýerdir. Oňa orta guşaklyk diýýärler.

— Asmandan agyr näme?

Birine töhmet atmak.

— Ýerden giň zat näme?

Hak ýerden has giňdir.

— Derýadan baý kimdir?

Kanagatly kalp.

— Daşdan has gaty nedir?

Mynapygyň kalbydyr.

— Zemherirden[84] has sowuk bolan nedir?

Gysgançdan hajat islemek.

— Kişiniň heddiniň mukdary näme bilen mälim bolar?

Kişi sözüniň aşagynda gizlidir.

— Ynsana müşgil nedir?

Nebsini bilmek.

— Ynsanyýet näme?

Döwletli mahalyň pespällik, azlykda sahawat, minnetsiz yhsan, güýjüň ýetýärkä hata bagyşlamak.

— Men nedir?

Ýelime meňzeş bal ýaly asmandan ýagýan lezzetli zatdyr.

— Selwa nedir?

Käbirleri byldyrjyn guşudyr diýdiler, käbirleri bolsa oňa meňzeş kiçijik bir guşdur diýdiler.

— Horazdan ýumartga guzlarmy?

Hawa, ýylda kiçijik bir ýumartga guzlar. Oňa «Beýzatul-akr» diýýärler.

— Zerre nähili mukdardyr?

Ýetmiş zerre bir siňek ganaty ýalydyr.

— Habbe nähili mukdardyr?

Ýetmiş siňek ganaty bir habbadyr.

— Mahlukatyň iň harsydünýäsi haýsydyr?

Siňekdir.

— Kanagatlysy haýsydyr?

Möýdür. Allatagala harsydünýä mahlugyny kanagatlysyna nesip edendir.

— «Eger güneş dogsa, derýalar bardyr» kesgitlemesinde lazym-melzum haýsydyr?

Eýe doldurgyç, doldurgyç eýedir.

— Kapyr küpürligine öler, jennetil firdewse hem kapyrlaradyr diýmek nedir?

Kim taguty inkär edip ölse, firdöwe jenneti hem taguty inkär edene diýmekdir.

---

[84] Zemherir – jähennemde bir guýy.

— Ýedi derýa haýsylardyr?

Tabarystan, Kirman, Amman, Gulzum, Hint, Magryp we Rum derýalarydyr. Bu «Sebgyýat» (Ýediler) atly kitapda ýazylandyr.

## HYŞAMYŇ HEZRETI KURTUBA SORAGLARY WE ONUŇ JOGAPLARY

— Hyşam hezreti Kurtuba ýaşyny sorap «kem teguddu» (näçe sanaýarsyň) diýende, «min wahyt ilel-elf ew eksera» (birden müňe ýa-da ondan hem köp) diýdi.

— «Kem teguddu mines-sin» (Ýaşyňdan näçe sanadyň) diýende, «innä we seläsune seneteN, senetu aşera minel-egLä, senetu aşera minel-esfel» (otuz iki, ýokardan on ýaş, aşakdan on ýaş) diýip jogap berdi.

— «kem leke mines-sinin» (Ýaşdan seniňki näçe») diýende, «Meniň ondan hiç ýaşym ýok, hemmesi Allatagalanyňky» diýdi.

— «Eý kişi ýaşyň näme?» diýende, ol «uly» diýip, «Maňa sen näçe düşüpdir» diýende «erkek we aýaldan ikiniň ogly» diýýär.

— «Senden näçe geçdi» diýende «eger menden bir zat geçen bolsa, onda meni öldürerdi» diýýär.

Hyşam soragdan ejiz galyp, nähili sorag edeli diýende «Aýt, ömrüňden näçe geçdi diý» diýipdir.

Muhýiddin Araby hezretleri düýş äleminde pygamberleriň soltanynyň ýanynda bir kişi maňa «köplügiň iň azy näçedir» diýip sorady. Men «Fykhçylaryň ýaşynda üçdür» diýdim. Onda Resulalla olar hem ýalňyşdylar diýdi. Men «Ýa resulalla nähili sorag bereýin» diýdim. Ol bäş akça çykaryp sekizini bir tarapa, üçüsini bir tarapa goýup, san jübüt we täkdir. Allanyň aýdyşy «jübüt we täk kasam bolup, ikisi hem sandyr diýip, „islendik san jübüt atlandyrylan sandan ýa-da täk diýip atlandyrylan sandan soralar» diýip meseläni ikä goýup «köpüň azy jübütde iki, täkde üç diýip, bu meseläni kim sorasa şeýle jogap ber» diýdi diýip «Futuhaly Mekkiýe» (Mekge açyşlary) kitabynda ýazylandyr.

Kisaýy[85] hezretleri halyf Harunyň mugallymy, ymam Abu Ýusup kazysydy. Olar nobat bilen biri-birinden öňe saýlanýardy. Bir gün Kesaýy hezretleri Ymam Abu Ýusuba «Halyfyň huzurunda siziň bilen jedelleşeliň, kim üstün bolsa belli bolar. Elmydama ol öňe çyksyn» diýdi.

Halyf Harunyň ýanyna baranlarynda Kisaýy hezretleri «Siz maňa fykhdan bir mesele soraň, men size nahuw bilen jogap bereýin» diýdi. Ymam Abu Ýusup hem: «Bir kişi sähuw sejdede ýalňyşsa näme etmeli?» diýdi. Kesaýy hem: «Kiçeldilen zat kiçeldilmeýär» hiç zat gerek däl diýdi. Kesaýy hem bir kişi « Men pylan kişiden don ogurladym » ýa-da tenwin bilen «Men pylan kişiniň donuny ogurladym» diýse, bu iki ýagdaýda näme etmeli»? diýýär. Ymam Abu Ýusup: «Ikisiniň hem eli kesiler» diýýär diýen jogabyna Kisaýy hezretleri: «Sen ýalňyşdyň kesmek işi izafet[86] paslynda wajyp bolýar. Tenwin paslynda wajyp bolmaýar. Sebäbi birinji öten zamandan habar berýär. Ikinji häzirki we geljek zamandan habar berýär» diýdi. Ymam Abu Ýusup hezretleri hem onuň üstünligini ykrar edip, hormat goýdy.

Jarulla Allama[87] hezretlerine bir talyp artyk harplary soranda «Hüwiýetis-seman» (olar sekizdir) diýipdir. Ertesi ýene soranlarynda «Siz ony menden soradyňyz?» diýipdir. Ýatdan çykaranda soranlarynda «bu gün ony unutdym» diýýär.

Asmagy[88] bir gezek Ibn Hajyp[89] hezretlerine kiçeldip, «eýne ubeýke» (kakajygyň nirede) diýende, ol jogap bermändir. «Eýne ebäke» diýende bolsa ýene dymýar. «Eýne ebuke» diýende «Fäu ilel-fifäi litalabil-fieý feizälfeý ýefi» diýip jogap berýär. Ýagny «Çöle git, ganymat gözlemek üçin, eger ganymat tapsaň, soň gel» diýmekdir. Nahuw ylmynda meşhuryň biri hem «ebäke, ebuke, ebäke hähunä» diýipdir. Ibn Hajyp hem «lä, li, lu» diýip jogap beripdir.[90]

— Nuh alaýhyssamyň gämisi näçe wagtda binýat edildi? Uzynlygy, ini çuňlugy näçedir?

[85] Kisaýy – dilçi alym.
[86] Izafet – eýelik aýyrgyjy.
[87] Jarulla Allama – Mahmyt Zamahşary.
[88] Asmagy – dilçi alym.
[89] Ibn Hajyp - dilçi alym.
[90] Bu ýerlerde arap dil kadasynyň öwrümli ýerleri barada gürrüň edilýär.

Iki ýylda guruldyp, uzynlygy üç ýüz, ini elli, çuňlugy otuz ziragdyr.[91]

— Howarnak köşgi kimiň binýady we kim üçin binýat edildi?

Nugman ibn Ymrul-Kaýs[92] Bähram Gur[93] üçin Kufäniň arkasynda bina edipdir. Ajaýyp binadyr, mygmary (arhitektory) Sinmardyr. Tamamlandan soň köp nygmata gowşup, munça engam boljakdygyny bilsedim, has beýik bina ederdim diýendigi üçin Sinmary Feraz köşkden atyp heläk edendir. Şonuň üçin Sinmar atalar sözüne öwrülendir. Bu söz bir kişiniň köp peýdany öz ýanynda erbet görse aýdylýar.

— Sadranjy kim oýlap tapdy?

Syssa atly bir hekim.

— Kim üçin?

Hindun şäheriniň hökümdary Şähriýar üçin. Asly sadrang sözünden döräpdir. Ol täsin hileleri we çuň pikirli bolmak bilen meşhur bolandyr.

— Zary (şaşkany) kim oýlap tapdy?

Şirin Bäbek Hindi atly bir hekim. Ok dünýä we adamlara ýazgyda, takdyra we dört pasla başgaça mysal edip meňzedipdir. Her tarapy alta bölup, alty tarapa yşarat, bir tarapy on iki aýa, bölekleriniň otuzdygy aý günlerine, gara-ak bolmagy gije-gündize, altyburç şekilli bolmagy iki topar bolan aşagy ýazgyda we takdyra meňzedilýär. Ibn Hallikanyň[94] taryhynda hem şeýle ýazylandyr.

— Keşaşem sözi näme diýmekdir?

Käf bilen kätip, şin bilen şahyr, elip bilen edip, jim bilen mimden mebdeg kelam (sözüň başy) we murabbi mürşüt (terbiýe beriji pir) myrat bilen aýdylan bir sözdür. Kämil şahyr, ussat dilewaryň waspydyr. Bu «Şerhi Wassafda» hem şeýledir.

— Perwana (kebelek) näme üçin özüni oda urýar?

Biçäräniň göreji pes bolup, gije garaňkylygynda röwşen şeme çykýar. Ony ýaşaýşyna kyýas edip, aýdyňlyga çykmak söwdasy bilen ýanýar. Bu «Tagryfat» (Kesgitlemeler) atly kitapda şeýledir.

---

[91] Zirag – 70 sm deň bolan ölçeg birligi.
[92] Arap hökümdary.
[93] Bähram Gur – eýran hökümdary.
[94] Ibn Hallikan – taryhçy alym.

## BEÝIK TARYKAT AHWALATY BILEN BAGLANŞYKLY SORAGLAR

— Toba üçin piriň goluny almak mushabapmy?[95] Bidgatmy?[96]

Dindar we şerigaty bilýän pir bolsa mustahapdyr.

— Aýallaryň biat (ykrar) berme işleri nädip bolup geçdi?

Pygamber alaýhyssalam donunyň bir ujundan aýallar hem bir ujundan tutup mübärek biat eýlediler. Bu barada: «Ýä eýýuhen-nebiýýu, izä jäekel-muminät» (eý Pygamber, seniň ýanyňa aýallar gelende)[97] aýatynyň düşündirişinde tefsir alymlary beýan edendirler.

— Tarykat binasy näçedir?

Altydyr.

— Haýsylardyr.

Toba, teslim, zuhd, takwa, uzlat, kanagat.

— Tarykat hökümleri näçedir?

Ol hem altydyr.

— Haýsylardyr?

Magrypat, sahawat, ýakyn, sydk, töwekgel, tefekkür.

— Tarykat wajyplary näçedir?

Altydyr.

— Haýsylardyr?

Yhsan, zikr, dünýä söýgüsini terk etmek, howp, şowk, yhlasdyr.

— Müritleriň häsiýetleri näçedir?

On häsiýeti olara parz ederler. Diliňi saklamak, gözüňi haramdan goramak, erbet pikirden daş durmak, oýun-degişmeden daş durmak, dogry sözli bolmak, niýetiň magrypaty, malyňdan hak ýerine harjamak, tekepbirligi terk etmek we jemagata gatnamak.

---

[95] Mustahap – sogap amal.

[96] Bidgat – soň tapylan zat.

[97] Gurhanyň 60-njy («Mumtehyne») süresiniň 10-njy aýaty.

— Halweti  tarykaty[98] nähilidir we näme üçin halweti diýýärler?

Ol tarykat hem ähli sünnet wel-jemagat[99] tarykatydyr. Pygamber alaýhyssalama hemmetaraplaýyn tabyndyrlar. Parz namazy jemagat bilen okap, ewwabin namazyny[100] (ol namaz barada Gurhany Kerimde «Ewwabinler üçin geçişlik we rehmet bardyr» diýlendir)[101] okap, tähejjut namazyny[102] (ol barada «Gije turup tähejjut namazyny oka» diýlendir) okap, guşluk, yşrak, şükür, täret namazlaryny okap, pygamber alaýhyssalama uýup, her wagta degişli Gurhan oklamaklyk we ebedi Hudaýyň zikri bilen meşguldyrlar. Halweti diýýänleri Ybraýym alaýhyssalam Käbäni gurup bolansoň, butparazlar ellerinden alyp, buthana eýlänlerinde Hyra dagyna çykyp, kyrk gün hylwatda zikr Haka meşgul bolanlarynda, oňa bir halat geldi. Ol ýerden mübärek ellerini uzadyp nirede but bar bolsa alyp daşyna çykardylar. Butparazlar ejiz bolup, ýene mübärek Käbäni terk eýlediler. Soň pygamber alaýhyssalam hem Hyra dagynda pygamberlikden öň ýeke-ýalňyz galandygy üçin halweti diýdiler.

— Uly şyhlar etwary sebgany näme üçin almagy buýurdylar?

Gurhanda «We lekad halaknel-insäne...»[103] aýatynda düşündiriji  alymlar we ylymda çuňlaşanlar (goý Alla olaryň sanyny kyýamata çenli artdyrsyn) mejbury tawr bolup, her biri bir nebis bilen ýorum we her nebis terbiýä mynasyp Allanyň atlaryndan bir latyf at berendirler.

— Nebisler we bellenilen Allanyň atlary tertip bilen haýsylardyr?

Nebsi emmara, nebsi lewwama, mutmeinne, razyýe, marzyýe we ýedinji görnüş fena filläh menzilidir.[104] Eý Allam! Ähli welileriň we pygamberleriň hormaty üçin bize ýeňil eýle. Allanyň atlary: Lä ilähe illalla, Alla, Huw, Hak, Haý, Kaýýum, Kahhar atlarydyr.

— On iki sany ygtybarly atlary haýsylardyr?

---

[98] Halweti tarykaty – bir sopuçylyk akymy.
[99] Ähli sünnet wel-jemagat – sünnilik.
[100] Ewwabin namazy – agşam namazyndan soň okalýan namaz.
[101] Gurhanyň 17-njy («Isra») süresiniň 25-nji aýaty.
[102] Tähejjut – gije okalýan namaz.
[103] Gurhanyň 15-nji («Hajer») süresiniň 26-njy aýaty.
[104] Bular nebsiň görnüşleridir.

Lä ilähe illalla Muhammedun Resulalla sözi on iki sany harp bolmak bilen kelimeýi töwhydyň harplarynyň sanlaryna görä laýyk bolmak bilen Wehhap, Fettah, Wahyt, Ehat, Samat atlaryny hem goşup on iki bolandyr.

— Allanyň atlarynyň sany ýok bolsa hem togsan dokuza çäklendirilmeginiň sebäbi nedir?

Pygamberimiz Allanyň atlarynyň manylarynyň togsan dokuz adynda bardygyny aýdyp, ymmatyň bu atlary zikr etmek bilen sogabyny aljakdygy üçin atlar çäklendirildi.

— Abdallar we kyrklar hakda dogry yz barmydyr?

Bardyr. «Mewahibi leduniýe» (Tebigy berlen peşgeşler) kitabynda Ibn Omar rowaýat edýär: «Resulalla alaýhyssalam: «Ymmatymyň haýyrlylary her asyrda bäş ýüz sanydyr. Abdallar hem kyrk sanydyr. Olardan biri ýogalsa Alla onuň ýerine başga birini çalşar. Ol bäş ýüz we kyrklar ýok bolmazlar. Olaryň hemmesi ýer ýüzündedir» diýdi. Muny Ymam Taberany «Wasytynda» we Abu Nugaým «Hilýede» Abdylla ibn Mesgut hezretlerinden hadys hökmünde rowaýat edipdirler. Resulalla sallallahy alaýhy we sellem: «Meniň ýmmatymdan kyrk adam elmydama bar bolar. Olaryň kalplary Ybraýym alaýhyssalamyň kalbyndadyr. Allatagala olar sebäpli ýer ýüzüniň ýaşaýjylaryndan belany dep eder. Olara abdal diýýärler» diýdi. Emma Ahmet we Jelal hezretleri we Ymam Taberany «Kebirinde»: «Olar bilen ýer ýüzi dur, olar bilen ýagyş ýagýar, olar bilen kömek edilýär» diýýärler. Munuň «Mewahibi leduniýede» giňişleýin beýany bardyr.

— Ubudiýet näme?

Şerigat dessurlaryny, ähli dünýä işlerinden ileri tutmakdyr.

— Hürriýet (azatlyk) näme?

Barlyk äleminden çykmak bilen ähli zatdan kesilmekdir.

— Zuhd näme?

Zat-zynaty terk etmek, haýu-höwesi, nebsi, dünýä muhabbeti terk etmekdir.

— Ýoluň çägi nedir?

Jüneýt Bagdagy «Alla dönmek» diýipdir.

— Hudanyň dostlary kimlerdir?

Baýezit Bestamy: «Derýa ýaly sahy, güneş ýaly şepagatly, ýer ýaly pespäl bolanlardyr» diýýär.

— Ryza näme?

Allanyň ýazgydyna kalbyň şatlanmagydyr.

— Hüwiýet näme?

Hak eradasy bilen öz eradaň bir bolmagydyr.

— Birlik näme?

Iki zady bir ýerde saklamakdyr.

— Sekine (huzur) näme?

Kalbyň rahatlygydyr.

— Tejelli näme?

Kalba açylan nur we haldyr.

— Tahally näme?

Daýyma Hakyň zikrinde bolmakdyr.

— Mujahide näme?

Nebsi howa we tebigata ters hereket etmekdir.

— Ryýazat nedir?

Elmydama nebis bilen göreşmekdir.

— Tejrit näme?

Alladan gaýry zada muhabbeti köňülden büs-bütin çykarmakdyr.

— Tefrit näme?

Her mahal Hak pikirinde bolmakdyr.

— Waryt näme?

Kalba ornaşan ruhy älem.

— Mahyýet näme?

Tebigatdan we nebsiň höwesinden geçip, Hak eradasynda elmydama bolmakdyr.

— Gybat näme?

Pikir hakda öz ygtyýaryňdyr.

— Huzur näme?

Açyk razyçylyk bolup, her emrde Haky bar we seredýän bilip, her halda Haka laýyk amalda bolmakdyr.

— Fena nedir?

Işlerini we haýalaryny görmezlikdir.

— Baka nedir?

Pikir hakda daýym bolmakdyr.

— Fark nedir?

Ýaradylanlary görmekdir.

— Jemgul-jewamyg (köplügiň köplügi) nedir?

Hakyň ýanynda hemmeleri heläk bolujy bilmekdir.

— Jemal nedir?

Hudanyň lutf-mähir sypatydyr.

— Jelal nedir?

Gazap sypatydyr.

— Wejd nedir?

Hakyň pikiri bilin bolup, ondan galan zady unutmakdyr.

— Towajid nedir?

Wejd halyny çagyrmakdyr.

— Hal nedir?

Kalba ornaşan zatdyr.

— Dykkat nedir?

Geçen we geljek pikirini terk etmek bilen pikir halynda bolmakdyr.

— Taryk nedir?

Gaýrat bilen amal etmekdir.

— Sapar nedir?

Kalbyň seýr etmegidir.

— Dünýä nedir?

Hak pikirinden döwr edendir.

— Mysapyr kimdir?

Akyl-pikiriniň netijesine gidene mysapyr diýilýär.

— Töwhydyň mertebeleri näçedir?

Üçdür.

— Haýsylardyr?

Atlaryň we sypatlaryň töwhydy, işleriň töwhydy, zatynyň töwhydy.

— Her haýsy nähilidir?

Atlarynyň we sypatlarynyň töwhydy Haktagalany gözel atlary bilen zikr etmekdir. Işleriň töwhydy işleriniň halygynyň Hakdygyny bilmekdir. Zatynyň töwhydy, kişi üns berip öz hallarynyň Allanyň bir peşgeşidigini bilmegidir. Şol mahal ol owwaldyr, ahyrdyr, zahyrdyr, batyndyr. Ol ähli zatlary bilijidir. Bu hal bilen bolan ähli töwhyt ygtybarlydyr. Eý Allam! Ähli pygamberleriň hormatyna bizi bu töwhytda ýagşy dowam etmegi nesip et!

— Bir kişi otyrka Allany zikr etse, soň joşup ýerinden turup has zyýada yşk we muhabbet bilen wejde gelip semag eýlese (aýlansa) şerigat taýdan zikr eden hasaplanarmy?

Bolar.

— Bu ýagdaýda döwr edýäne halaldyr diýilse, muňa mynasyplar kimlerdir?

Takwalyk bilen yşgy we muhabbeti üstün bolanlardyr. Şeýle diýip Sadelmille wed-din[105] pitwa beripdir.

— Semag parzmydyr? Sünnetmidir? Bidgatmydyr?

Resulalla aýtdy: «Semag bir kowma parzdyr, birine sünnetdir, birine bidgatdyr». Baş çykarýanlara parzdyr, talyplara sünnetdir, gapyllara bidgatdyr. Bu «Bahrul-magaryfda» (Bilim derýasy) ýazylandyr.

— Şyh Abdylla Ensary hezretlerinden «Allatagalany nädip bilýärsiňiz?» diýlip soralanda ol: «Ünsdir, nepes ki hadysy kudsyda «kim meni zikir etse men ýanynda otyryn» ýakynlykdyr, dil ki «men kimiň kalbyna deglen bolsa ýanyndadyryn», jandaky saglyk oňa: «oňa ruhumdan üfledim» diýdi. Arşdan rahmanyýetdir. Bu barada «Alla( Rahman) arşa çykdy» diýlendir. Hemme ýerdäki ylymdyr. Bu barada «Ol siz nirede bolsaňyz, siziň bilen biledir» diýlendir» diýip jogap berdi.

[105] Sagdel-mille wed-din – yslam alymy.

— Tasawwuf näme?

Jüneýt: «Alladan galan zatdan saplanmakdyr» diýdi. Tasawwufyň «ti» harpy «günälerden tobadyr». «Sad» harpy «belalara sabyrdyr». «Waw» harpy «sözünde wepadyr». «Fi» harpy «halkdan daş durmakdyr» diýip käbir yrfan ähli kesgitläpdirler. Tasawwufyň başy iman esaslaryny bilmekdir. Soňy dil bilen ykrar, kalp bilen tassykdyr.

— Halk (awam) bilen sopular arasyndaky tapawut nedir?

Halkyň imanyň alty şertine imanlary taklydydyr. Sopularyňky hakyky, alymlaryňky delilidir.

— Taklyt näme?

Iman esaslaryny enesinden-atasyndan ýa-da mugallymyndan öwrenip bilmegidir.

— Hakyky näme?

Iman esaslarynyň aslyny gözläp her biriniň hakykatyna ýetmekdir.

— Şerigat näme? Tarykat näme? Hakykat näme?

Pygamberimiz aýtdy: «Şerigat meniň sözlerimdir. Tarykat hereketlerimdir, hakykat hallarymdyr». Alymlar: «Taklyt bilen tahkyk arasynda tarykat bir ýoldur. Ýetmiş iki millet ol ýoly gözläp gowuşmadylar. Diňe ýetmiş üçünji halas bolan topar muňa ýetdiler» diýdiler.

— Halas bolan topar kimlerdir?

Ähli sünnet wel-jemagatdan  Resulalla alaýhyssalama we sahabalaryna tabyn bolanlardyr. Olar akaýytda şyhyl-yslam Abu Mansur Mäturidiniň[106] mezhebine tabyndyrlar. Sopular bu mezhepdendir. Arap sopularynyň köpüsi Abul-Hasan Eşgarynyň[107] mezhebindendir. Bu iki ymamyň mezhepleri ähli sünnet wel-jemagat mezhebidir. Amalda we furugda sopularyň mezhebi dört mezhebiň biridir. Köpüsi hem ymamyl-milleti wed-din Nugman ibn Sabyt hezretleriniň Gurhandan we hadyslardan saýlan meseleleriniň yzyna düşüp, jan bilen kabul edýärler. Şeýle-de mäliki sopulary ymam Mäligiň, şafygy sopylary ymam Şafygynyň, hanbaly

[106] Abu Mansur Mäturidi – yslam alymy.
[107] Abul-Hasan Eşgary - yslam alymy.

sopular ymam Hanbalynyň yzyna eýerýärler. Bu dört ymamyň mezhepleri ähli sünnet wel-jemagat mezhebidir.

— Baýezit Bestamydan «Ne mezhepden» diýip soranlarynda ol: «Allanyň mezhebinden» diýipdir. Onuň myrady nedir?

Ol «Ähli mezhepler Haktagalanyňkydyr. Ymamlary mejazdyr, hakykat bilendir» diýip jogap beripdir.

— Bu sopylar käbir eserlerinde kä ynsan bolýaryn, kä haýwan. Bu hili sözlerinde myratlary nedir?

Olaryň haly we şany sypatlary bilen sypatlanandyklarynyň beýanydyr. Resul alaýhyssalam: «Meniň ymmatym on bölek bolar. Her haýsy bir haýwan suratynda bolar» diýenleri, «topar-topar bolup gelerler» aýatynyň tefsirinde tefsir alymlary ýazandyrlar. Nebis dürli ýaradylanlaryň sypatlary bilen sypatlanar. Pygamberimizden: «Men nebsimi aklamaýaryn. Sebäbi nebis erbetlikleri emr edijidir» sözi Gurhanda agzalýar. Nebsimiziň şerinden Alla sygynýarys.

— Baýezit Bestamy: «Donumyň içinde Alladan başga hiç ýokdur» diýipdir. Myratlary näme?

Diňe Baýazidiň donunda däl, ähli älemde Allanyň güýç-gudratyndan başga hiç zat ýokdur. Ol Hakyň gudratyny beýan edendir.

— Alymlaryň «insilah» (çykarylmak) diýenleri nedir?

Kämahal ruh haýwany bolar, ygtyýar bilen beden ynsandan aýrylyp, diňe baglanyşygy galar. Şol mahal öz barlygyny aýnada görer. Ol şeýle bir haldyr welin, «ölmezden öňürti ölüň» hadysy bilen ol ygtyýary ölüm myrat ediler. Ol kämil päklik, diňe iç älemi bilen iş salyşanlarda bolýar. Bu Ibn Kemalyň «Risala» atly eserinde aýdylandyr.

— Sopylaryň tutýan ugurlary bolan «wahdaty wujut» (barlyklaryň birligi) meselesi çylşyrymly bolup, aşa gidýän sopylar düşünmän pisady götermek bilen şerigatda kapyr hasaplanýarlar. Muny hakykatda beýan ediň?

Umumy barlyk, hakyky barlyk, Haktagala bolup, beýlekileriň barlyklary käbir jelala gowşandyr. Emma zatlarynda, barlyklarynda hiç hili baglanyşygy bolman göýä ýok ýalydyrlar. Olaryň zatlaryna umumy barlyk hem göçmedir. Hakykatda

barlyk Haktagalanyňkydyr diýmekdir. Muny şeýle diýip Ýusup Zada[108] ( Buharynyň düşündirijisi) aýdypdyr. Baly Ependiden[109] sopularyň jogapkärligi barada soranlarynda ol: «Barlyk birdir, ol hem Hakdyr» diýip jogap beripdir. Bu «Fusus» (Gaşlar) kitabynyň düşündirişinde ýazylandyr.

— Mümkin zadyň özboluşlylygynda bolan barlyk nedir?

Olaryň barlygy, surat barlygydyr. Hakykat bilen bar däldir. Sebäbi bir zadyň suraty onuň özi däldir. Şeýle diýip Baly Ependi jogap beripdir.

— Umumy mümkin düşünjesi ähli düşünje barlygy we daşarky barlyga degişli bolan düşünje umumy barlygyň jynsy bolup, şany wagty, pasyl bilen berkidilip, degişli we başga bolan zat bilen bar bolup bilermi?

Umumy mümkin düşünjesi düşünjä jyns bolmak we barlyk düşünjesinde dahyl bolmak we pasylyň şany jyns tahsylyny belli etmek, mümkin bolup degişli eýlemek, umumy mümkin düşünjesi ýokluk zerureti bolan ýagdaýdandyr. Muny Abus-Sugut «Pitwalarynda» şeýle diýip aýdandyr.

## HORASAN PIRLERINIŇ SORAGLARY WE «GÜLŞENI RAZDA» ŞYH MAHMYT SEBISTARYNYŇ JOGAPLARY

— Tefekkur nedir?

Batyl tarapdan Hak tarapyna pikir meýlidir.

— Haýsy pikir säligiň[110] ýolunyň şertindendir?

Haktagalanyň nygmatlaryny pikir etmek şertidir. Hak barada pikir mümkin däldir.

— «Men kim we men» diýen kimdir?

Ynsan Allanyň barlygyndan bir emrden ybaratdyr. Men diýen ol barlykdyr welin, ruhdur.

— Özüňden sapar etmek näme diýmek?

---

[108] Ýusup Zada - osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[109] Baly Ependi - osmanly türkmenleri döwletinde ýaşap geçen alymlaryň biri.
[110] Sälik – sopuçylyk ýoluna düşen mürit.

Unsurlardan (elementlerden) emele gelen barlyk wehm pikirini terk etmek bilen pikirini Haka tarap ýönlendirmek diýmekdir.

— Merdi kämil kimdir?

Seýri suluk edýänleridr.

— Wahdet syrlaryna eýe bolan we aryf bolan kimlerdir?

Biz zatda durman, her zadyň aslyny, şahasyny, hakykaty we barlygy Hakyň barlygy bilendigini bilendir.

— Wahdetiň syrlaryna eýe, ol aryfdan aryf we magruf bir bolanda bu bir üç häkiň söýgüsi nedir?

Hakyň beýikligini bilip, nygmaty inkär etmezlikdir.

— Enel-hak (men hak) diýen kimdir?

Alladan başga hiç kim ony aýdyp bilmez.

— Külli älem Mansur ýaly mahluga nädip wasyl diýer?

Ýerler, barlyklary, zürýatlary Hakyň gudraty bilendigini bilenlere wasyl diýerler. Ýogsa wysal haky halkyýetden jydadyr.

— Seýri suluk nedir?

Nebsiniň hal-hereketlerini kämil mürşitden bilmekdir.

— Mümkin, wajyp, wysaly, kurp (ýakynlyk), bugd (daş), zyýada we nogsan nedir?

Barlyk bir görnüşdir welin, ýoklukdan emele gelendir. Kurp, bugd, zyýada we nogsan barlyk bilen ýokluk arasynda mertebelerdir. Öz nebsiniň barlygyndan geçip, yşk howasy we muhabbeti bilen kalp aýnasyny saplap wysaly gazanmakdyr. Howasyna tabynlara tebigatlaryna görä käbiri uzak, käbiri ýakyn, käbiriniň ýakynlygy zyýada, käbiriniňki nogsan bolar.

— Ylym haýsy derýanyň kenarydyr?

Mugalla derýasydyr, ylym kenary sadap harplardyr we ataş welidir.

— Bitewilikden artyk bolan parça nedir? Ondan bitewi bar bolan parça nedir?

Barlyk umumy köpçülikden zahyrdyr. Wahdatda ýene parçadyr. Zadyň köplüginiň hakykatda barlyklary ýokdur. Ol köplük hakykata girýändir. Jüziýýet,

külliýet, kesret, kyllet (böleklik, bitewilik, köplük, azlyk) barlyga görädir. Siziň Allaňyz ýeke-täk Hudaýdyr.

— Ezelde ýazylyp, bu älemde amala aşan näme bar bolsa hemmesi birden boldumy?

Birden bolandyr. Olaryň bolup geçenleri Allanyň ylmynda bardyr.

— Alymlar zülp, hal, hat diýip käbir setirlerinde agzaýarlar. Myratlary nedir?

Zülpden köplük, hatdan birlik, ruhdan jemal, haldan köňül myrat edendirler.

— Şemden, şerapdan we şadan myratlary nedir?

Şemden hakyky mahbup, şerapdan yşk, şadan mahbup myratdyr.

— Fena fillähe ýetenler kimlerdir?

Olara harabat ähli diýýärler. Fena fillähe baka billä bolandyr. Ýagny pikir dünýäsinden geçip, pikir hakda daýym bolanlardyr.

— Bet, zünnar we tersadan myratlary nedir?

Betden yşga gowuşan kişi, zünnardan aşyk jezbesinde bolanlar, tersadan terk eden we tejrit edilenler myrat edilendir.

Bu sorag we jogap «Gülşeni razyň» pähimidir. Emma pikir beýanlarynyň usgalary çäksizdir, hemmesiniň beýany bu ýerde ýeterlik däldir. Bereket hökmünde bu aýdylanlar bilen çäklenýäris.

## IBN SEMAMYŇ[111] SORAGLARY WE FAHRUL-ENAMYŇ[112] JOGAPLARY

— Haktagala ýeri nämeden ýaratdy?

Zübdeden.

— Zübdäni nämeden?

Möwçden.

— Möwji nämeden?

Derýadan.

[111] Ibn Semam – yslam alymy.
[112] Fahrul-Enam - yslam alymy.

— Derýany nämeden?

Zulmatdan.

— Ýeriň durmagy näme bilendir?

Kap dagy bilen.

— Kap dagy nämeden?

Ýaşyl zümerretden.

— Beýikligi näçe?

Bäş ýüz ýyllyk ýoldur.

— Kap dagynyň aňyrsynda näme bar?

Kafurdan ýetmiş ýer.

— Ýetmiş ýeriň aňyrsynda näme bar?

Anbardan ýetmiş ýer.

— Onuň aňyrsynda näme bar?

Altyndan ýetmiş ýer.

— Onuň aňyrsynda näme bar?

Kümüşden ýetmiş ýer.

— Onuň aňyrsynda näme bar?

Ýetmiş müň älem.

— Her haýsynda kimler ýaşaýar?

Uly perişdeler.

— Sanlary näçe?

Alladan başga hiç kim bilmez.

— Ol perişdeler Adam alaýhyssalamy we näletsiňen Şeýtany bilýärlermi?

Bilmeýärler.

— Olaryň tesbihleri näme?

Lä ilähe illalla.

— Ol älemleriň aňyrsynda näme bar?

Uly bir ýylan. Ol älemleri gurşap alýar.

— Dünýäniň gylyjy nämedendir?

Her möminiň kuwwatynda ol ýylanyň guýrugyndan birazragyny iýmegi ondandyr.

— Ýer näçe gatdyr?

Ýedi.

— Her haýsynda kimler ýaşaýar?

Ýedinji ýerde perişdeler, altynjyda Iblis we nökerleri, bäşinjide ýylan şeýtanlary, üçünjide içýanlar, ikinjide jynlar we perzentleri ýaşaýarlar.

— Bu ýerler nämäniň üstünde?

Öküziň.

— Onuň sypaty nähili?

Dört müň başy bar. Her haýsynyň arasy bäş ýüz ýyllyk ýoldur.

— Ol öküziň reňki nähilidir?

Gyzyldyr.

— Ady näme?

Furkatahdyr.

— Öküz nämäniň üstünde?

Çölüň.

— Çöl nämäniň üstünde?

Balygyň arkasynda.

— Balyk nämäniň üstünde?

Derýanyň.

— Derýanyň uzynlygy näçedir?

Dört müň ýyllyk ýoldur.

— Ol derýa nämäniň üstünde?

Ýeliň.

— Ýel nämäniň üstünde?

Zulmatyň.

— Zulmat nämäniň üstünde?

Jähennem odunyň üstünde.

— Jähennem nämäniň üstünde?

Tahtes-seranyň.

— Tahtes-serada näme bar?

Ondan sorag etmek hatadyr. Ony diňe Alla bilýär, ondan başga hiç kim bilmez. Bular Şeýh Zahyt Abu Nasr Muhammet Ibn Abdyrahman «Sebgyýat fi mewagyzyl-beriýat» (Ýer ýüzüniň wagyzlary barada ýediler) atly eserinde ýazandyr. Emma «Jüziýetul-ajaýypda» (Ajaýyp bölekler) bu soraglar we jogaplar bir müň dört ýüz sanydyr. Bu «Mugjyznamalarda» ýazylandyr.

## KAÝSARYŇ[113] SORAGY WE IBN ABBASYŇ JOGAPLARY

— Ähli dilde Allatagalanyň atlary nämelerdir?

Arap dilinde Alla, surýanyda Aýwa, parsda Huda, zimmilerde Nemanuk, surf dilinde Ýoga, rum dilinde Lisu, bulgar dilinde Taňry, türk dilinde Baýat, çingenelerde Ulug, ugryýe dilinde Ogadyr.

— Iň ýagşy söz haýsydyr?

Lä ilähe illalladyr.[114]

— Pygamber, perişde, ynsan we jyn bolman iberilen kimlerdir?

Kabyl Habyly öldürende, ony gizlemäge ýer gözlände asmandan iki garga gelip biri-birini öldürýär we biri dyrnagy bilen ýeri gazyp gömýär. Kabyl hem muny görüp, Habyly depn edýär. Şol iki gargadyr.

— Ruhy, eti we dili ýok bolup, gürleýän kimdir?

Jähennemdir.

— Jany bolmasa hem ýöreýän we iýýän nedir?

Musa alaýhyssalamyň hasasydyr.

— Jismi-jany ýok, dem alýan kimdir?

Säher ýelidir. Göçme manyda säher wagtydyr. Bu barada «Nepes alýan sähere ant bolsun» aýaty[115] bardyr.

— Dilsiz, jansyz geplänler kimler?

[113] Kaýsar – Rum hökümdary.
[114] Alladan başga hudaý ýokdur.
[115] Gurhanyň 81-nji («Tekwir») süresiniň 18-nji aýaty.

Ýer we asmandyr. Olar: «Bize tabynlary getiriň» diýdiler.

— Musanyň agajy haýsy agaçdandyr?

Ajy badamdan.

— Dünýäde üç gezek gubura giren kimdir?

Ýunus alaýhyssalamdyr. Ilkibaşda wepat bolup ýerlendi. Soň Ylýas alaýhyssalamyň ejesine myhman bolup, ejesi Ylýas alaýhyssalama dileg edip guburuna ýetirip, täzeden ýaşaýyş tapdy. Soň kowmundan gaçyp derýada gämiden özüni derýa oklap balyk garny özüne gabyr bolup, wepat bolanda ýene depn edildi.

— Pişik ýaly dogran guş haýsy?

Ýarganatdyr. Isa alaýhyssalamyň dogalary bilen ýaradylandyr.

— Burnundan jübütleşip çagalaýan guş haýsy?

Alahekekdir. Erkegi burnuny urkaçysynyň burnuna sokýar we üfleýär we ýumurtgalap çagalaýar.

— Ýelden hamyla bolan haýwan haýsydyr?

Biber diýilýän haýwandyr. Ol örän iri bedenlidir.

— Erkegi bilen jübütleşmeýän, nesli hem kesilmeýän guş haýsydyr?

Kaknus guşudyr. Ol Serendip dagynda bolup, oňa Semender hem diýýärler. Tawus ýaly dürli reňk bilen öwüsýär. Burny uzyndyr, kä ýerlerinde deşikleri bardyr. Hereketleriniň her birinde bir ses emele gelýär. Älemiň ajaýyplygyndandyr.

— Dünýäni penjesi bilen tutup, göteren guş haýsy?

Ankadyr. Bir gün hökümdarlaryň biri aýaly bilen uklap ýatyrka, olary düşekleri bilen tutup howa göterýär. Olaryň perýatlaryny halk eşidip Safwan[116] alaýhyssalama arz eýlediler. Olar hem dileg edýär. Bir ot döräp, ol guş ýanyp çagalary bilen Muhyt derýasynyň kenaryna gidýärp, halk onuň şerinden aman galýar.

— Hamyla bolup üçünji sagatda dogran kimdir?

Merýemdir. Jebraýyl alaýhyssalam Hakyň emri bilen elinden tutup agzyna üfleýär. Ol hem derhal hamyla bolýar. Üçünji sagatda Hezreti Isa dogulýar.

[116] Safwan – pygamberleriň biri.

— Gabyrda çüýremeýän nedir?

Ynsanyň «uzruf» diýilýän sünki. Ol çüýremeýär. Kyýamat gününde ynsan ondan dörär. Ol guýrugyň üstündedir. Däne ýalyjakdyr.

— Aýal ýaly aýbaşy geçirýänler haýsylardyr?

Olar üç haýwandyr. Biri towşan, biri ýarganat, biri syrtlandyr.

— Eýesi bilen gezen gabyr kimiňkidir?

Ýunus alaýhyssalamyň balygydyr, garny oňa gabyr bolandyr.

— Janly dogran jansyz nedir?

Näkatul-kyýas diýilýän uly daşdyr. Salyh alaýhyssalamyň dogasy bilen bir köşek düýe dogurdy.

— Erkekden dogan aýal kimdir?

How Enedir.

— Ýaradylanlaryň şirini haýsy?

Ynsandyr.

— Dünýäde iň erbet zat nedir?

Başsyz adamdyr.

— Şeý nedir, lä şeý nedir?

Şeý barlyk, lä şeý ýoklukdyr.

— Ene garnynda ýatmaýan kimlerdir?

Adam alaýhyssalamdyr, How Enedir, Ysmaýyl pygamberiň goçydyr.

— Atasyny ýenjip-ýenjip düzelden kimdir?

Teýmirdir. Asly daşdyr. Atalary daşy döwüp-döwüp düzelder. Bu jogaplar „Mugtebirat tawaryh" (Taryhlaryň ygtybarly zatlary) atly kitapda ýazylan.

## RAHYBYŇ SORAGLARY WE BAÝEZIT BESTAMYNYŇ JOGAPLARY

Ýaz günleriniň birinde Baýezit[117] hezretleri Dir Semga diýen ýeriň golaýynda nasranylaryň (hristianlaryň) bir rahybyň[118] daş-töweregine üýşendigini görüp,

[117] Baýezit – uly pirleriň biri.
[118] Rahyp – monah.

olaryň arasyna barýar. Rahyp hem Dirden çykyp bir münbere münüp, özi hem dymyp otyr. Onda kowmy oňa „Eý biziň rahybymyz, näme üçin dymýarsyň. Bize nesihat eýle” diýenlerinde, rahyp: „Siziň araňyzda Muhammedi bar, onuň haýbatyndan dymýaryn” diýdi. Oňa: „Kim ol, aýt, ony öldüreliň” diýdiler. Ol: „Öldürmek mynasyp bolmaz. Ýöne oňa käbir soraglar bereliň, dogry jogap berse hoş göreliň, ýalňyş berse öldüreris” diýdi. Soň hem: „eý musulman, Muhammedi söýýän bolsaň ýanyma gel” diýip ýüzlendi. Baýezit hem ýanyna bardy. Rahyp soraga başlady:

— Ikinjisi bolmaýan bir nedir?

Allatagaladyr.

— Üçünjisi bolmaýan iki nedir?

Gije-gündizdir.

— Dördünjisi bolmaýan üç nedir?

Aýala talak bermekdir.

— Bäşinjisi bolmaýan dört nedir?

Asmandan inen kitaplar.

— Altynjysy bolmaýan bäş nedir?

Bäş wagt namaz.

— Ýedinjisi bolmaýan alty nedir?

Allatagalanyň ýer-asmany ýaradan alty güni.

— Sekizinjisi bolmaýan ýedi nedir?

Ýedi gat ýer we ýedi gat  asman.

— Dokuzynjysy bolmaýan sekiz nedir?

Arşy göterijiler.

— Onunjysy bolmaýan dokuz nedir?

Gurhanda: „Ýer ýüzünde pisat çykarýan dokuz raht” diýlen dokuz sany bozgak.

— On birinjisi bolmaýan on nedir?

Hajylara gadagan edilen on gün orazadyr.

— On ikinjisi bolmaýan on bir nedir?

Ýusup alaýhyssalamyň doganlarydyr.

— On üçünjisi bolmaýan on iki nedir?

On iki aýdyr.

— Ýalan sözläp jennete girenler kimlerdir?

Ýusup alaýhyssalamyň doganlarydyr. Olar Ýusup alaýhyssalamy bir ýerde terk edip, Ýakup alaýhyssalama gurt iýdi diýdiler.

— Dogryny aýdyp jähenneme giren kimlerdir?

Ýahudylar we nasranylardyr. Olar: „Ýehudylar hiç zat däldir, nasranylar hiç zat däldir”[119] diýdiler.

— Ynsan bedeninde ruhuň mekany barmydyr?

Bardyr.

— Niresinde?

Iki gulagynyň arasyndadyr.

— Zariýat nedir?

Ýel-şemallardyr.

— Hamilat nedir?

Bulutlardyr.

— Jariýat nedir?

Gämilerdir.

— Mukassymat nedir?

Perişdelerdir. Şagban (meret) aýyndan indiki meret aýyna çenli dünýä işlerini paýlaýarlar.

— Haktagala bilen kelam eden on dört zat nedir?

Ýedi gat asman we ýedi gat ýerdir. Bu hakda Gurhandaky: „Asmana we ýere aýtdy”: «Maňa boýun bolan we mejbur edilen halda geliň. Olar (ikisi) aýtdylar: «Biz meýletin geldik»[120] diýen aýaty bardyr.

— Jansyz nepes alan nedir?

Säher wagtydyr.

[119] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 113-nji aýaty.
[120] Gurhanyň 41-nji («Fussilet») süresiniň 11-nji aýaty.

— Asmana inmän ýerden çykmadyk suw nedir?

Muhammet alaýhyssalamyň mübärek barmaklarynyň aralaryndan çykan suwdyr. Ol suw dünýäniň iň gowy suwydyr.

— Ilkinji bolup kimiň gany ýere döküldi?

Habylyň.

— Haktagalanyň ýaradyp, ýene satyn alany kimdir?

Mömininiň janydyr. „Allatagala möminlerden janlaryny satyn aldy" diýen aýat bardyr.

— Haktagalanyň ýaradyp, inkär edeni nedir?

Eşek sesidir. „Sesleriň iň erbedi eşek sesidir" aýaty bardyr.

— Haktagalanyň ýaradyp, soň sowal edeni nedir?

Musa alaýhyssalamyň hasasydyr. „Eý Musa bu eliňdäki zat näme" diýen aýat bar.

— Hatynlaryň iň ýagşysy kimdir?

Hezreti How Ene, Hezreti Aýşa, Hezreti Fatma Zehra, Hezreti Merýem, Asie (goý Alla olardan razy bolsun) dagylardyr.

— Derýalaryň iň ululary haýsylardyr?

Seýhun, Jeýhun, Nil, Fyrat.

— Daglaryň beýikleri haýsylardyr?

Arafat we Gur daglarydyr. Ulagyň iň gowusy atdyr. Aýlaryň iň gowusy remezandyr. Gijeleriň ýagşysy gadyrdyr. Günleriň ýagşysy aýt günidir. Apat kyýamat günüdir.

— On iki pudagy, otuz ýapragy, her ýapragynda bäş güli bardyr. Ikisi güneşde, üçüsi kölegede açylýan agaç nedir?

Ol agaç ýyldyr. Şahalary on iki aýdyr. Ýapraklary otuz gündür, bäş güli bäş wagt namazdyr. Öýle we ikindi güneşde, agşam, ýassy we ertir kölegededir.

— Jansyz Käbäni togap eden nedir?

Nuh alaýhyssalamyň gämisidir.

— Pygamberler näçedir?

Ýüz ýigrimi dört müň sanydyr.

— Näçesi mürseldir (resuldyr)?

Üç ýüz on üçi mürseldir.

— Asly bir tagam we reňkleri dürli bolan dört zat nedir?

Gözýaş, sümük, tüýkülik we gulakdan çykýan zatdyr. Olaryň asly ynsan başydyr. Hemmesiniň hem reňki, tagamy dürlüdir.

— Nakyr diýip näme aýdylýar?

Miwäniň şänigi bilen maňzynyň üstünde bolan inçe gaba aýdylýar.

— Kytmyr diýip näme aýdylýar?

Şänik bilen miwe arasynda bolan gaba aýdylýar.

—Sebed näme?

Goýun ýüňidir.

— Kebed näme?

Geçi ýüňi.

— Zymzim näme?

Adam atadan öň ýaşan ymmatdyr.

— Eşek haçan aňňyrýar?

Şeýtany görende aňňyrýar.

— It näme üçin howlaýar?

„Waý jähennem ähline” diýip.

— Sygyr näme diýýär?

Subhanallahi we bihamdihi (Alla we onuň hamdy päkdir).

— At näme diýýär?

«Eý Rebbim, eýelerimiz çaknyşan wagtlary gora» diýer.

— Düýe näme diýýär?

Maňa Alla ýeter we ol Alla maňa şaýatdyr.

— Tawus näme diýýär?

„Er-rahmänu Alä arşistewä”[121] (Alla arşa çykdy).

— Bilbil näme diýip gygyrýar?

[121] Gurhanyň 20-nji («Taha») süresiniň 5-nji aýaty.

Subhanallahi hyne tumsune we hyne tusbihun (Uklan we oýanan mahallaryňyz Alla Subhandyr).

— Buga näme diýýär?

Subhanallahil-magbud fi kullil-berrar wel-gaffar, Subhanallahil-melikil-jebbar.[122]

— Yns we jyndan bolman wahy gelen nedir?

Arydyr. „Rebbiň ara wahy etdi”[123] diýlendir.

— Gije gündiz, gündiz hem gije nirä gidýär?

Allanyň ylmyndan daşa gitmezler — diýip rahybyň sowallaryna dogry jogap berdi. Soň Baýezit hezretleri „Siz munça sorag soradyňyz. Biz hem bir sorag soraly, jogap beriň” diýdi. Rahyp „Soragyň nedir?” diýdi. Baýezit: „Jennetiň açary nedir?” diýdi. Rahyp biraz dymdy. Ol ýerde oturanlar „ol bu Muhammedä munça sorag sorady. Hemmesine jogap berdi. Siz näme bir soragyma näme üçin jogap bermeýärsiňiz?” diýdiler. Onda Rahyp: „Men jogapdan ejiz däl. Emma sizden çekinýärin we gorkýaryn. Siz menden ýüz öwrüp, jähennem oduna galarsyňyz” diýdi. Olar: „Ýok biz sizden ýüz öwürmeris” diýşip, her haýsy söz berdiler. Soň rahyp: «Jennetiň açary „Lä ilähe illalla, Muhammedun Resulalladyr. Resulallanyň ymmaty bolmadyk jennete girmez” diýdi. Ol kowma hem Haktagalanyň hidaýaty bilen hemmesi birden „lä ilähe illalla Muhammedun Resulalla” diýip yslam dinine girdiler. „Hubbul-mesaýyl” (Meseleleriň ýagşysy) atly kitapda şeýledir. „Rownakul-mejalis” (Mejlisleriň nury) kitabynda pygamber alaýhyssalam gazawat mahalynda Halyt ibn Welit[124] hezretleri Allanyň hikmeti bilen ýoldan azaşyp uly bir daga çykanlarynda bu ýagdaýyň bolandygy ýazylandyr. Ylym diňe Allanyň ýanyndadyr. Ýöne munda myrat bolan sorag-jogaplarydyr.

## DAWUT ALAÝHYSSALAMYŇ SULEÝMAN ALAÝHYSSALAMA SORAGLARY WE JOGAPLARY

— Dünýäde iň pes zat nedir?

---

[122] Ähli ýerde Magbut we Gaffar, Hökümdar we Jebbar bolan Alla ähli kemçiliklerden päkdir.
[123] Gurhanyň 16-njy («Nahl») süresiniň 68-nji aýaty.
[124] Halyt ibn Welit – sahabalaryň bir.

Ynsan nebsidir.

— Iň beýigi nedir?

Akyldyr.

— Ajy nedir?

Garyplykdyr.

— Üstün nedir?

Baýlykdyr.

— Çirkin nedir?

Küpürdir.

— Ýowuz kimdir?

Owratdyr ( aýaldyr)

— Dünýäde ýakyn nedir?

Ahyretdir.

— Uzak nedir?

Gussaly ruhdyr.

— Dünýäde zyýada şat kimdir?

Ruhdur. Bedenden çykanyna diýseň şat bolar.

— Dünýade erkek köpmi aýal?

Aýal köpdür. Sebäbi aýal sözi bilen amyldyr.

— Dünýäde öli köpmi diri?

Öli köpdür. Sebäbi diriler hem ölýär.

— Bir kişi saňa kemlik etse näme edersiň?

Ýagşylyk ederdim. Eger ol maňa ýene kemlik etse, ýene ýagşylyk ederdim. Hatda ömrüm boldugyça maňa kemlik etse, ýene ýagşylyk ederdim diýendikleri ahlagyna we pygamberligine laýykdyklary „Mugtebirat tawaryhda" (Taryhlaryň ygtybarly zatlary) ýazylandyr. Allatagala mübärek eýlesin.

## MUZAR IBN DARYNYŇ[125] HEZRETI ALA BEREN SORAGLARY

[125] Muzar ibn Daryr - sahabalaryň biri.

Hudanyň habyby dünýäden gaýdanyndan on gün geçensoň, Hezreti Abu Bekr Syddyk ýanynda sahabalar bilen otyrka ýanyna bir nikaply kişi gelip „Esselämu aleýkum ýa eshaby resulalla” diýdi. Hezreti Abu Bekriň mübärek ellerinden öpüp „Pygamberiň orunbasary we mirasdüşeri” diýende, Hezret Alyny ara çagyrdylar. Oňa „Esselämu aleýke ýa Aly, eý pygamber mirasdüşeri” diýdi. Hezret Aly hem „Waleýkim essalam ýa Muzar ibn Daryr, eý guýy eýesi” diýdi. Onda sahabalaryň hemmesi haýran galdylar. Soň hem: „Eý Muzar nikabyny aýyrdy. Ýüzi nurdan doludy. Hemmeler haýran galdylar. Ol: „Eý Aly, meniň Muzar bin Daryrdygymy nireden bildiň” diýdi. Hezret Aly: „Resuly huda maňa siziň ahwalyňyzy habar berdi. Isleseňiz beýan edeýin diýip gürrüň berdi. „Owwal siziň milletiňizde bir pygamber dörär. Ýüzi aý-günden nurly, kelamy şekerden lezzetli, ysy müşk ezferden ýakymly, ýetimleriň we misginleriň atasy, gylyç eýesi bolup we eşege müner. Aragy we zynany haram eder. Adam öldürmegi we süýthorlugy gadagan eder. Pygamberleriň soňkusydyr. Bäş wagt namaz okar, remezan aýynda agyz bekläp, Beýtylla[126] haj eder. Zekat berer. Men oňa iman getirdim, diýse kowmuňyz gazaba gelip, zarby-sütem edip, bir guýynyň içine tussag edip, şu wagta çenli ol ýerde tussagdyňyz. Indi Haktagala ol kowmy heläk üçin bir uly sil iberer. Heläk edip sizi guýudan halas eder, diýip gulagyňyza bir ses geldi. Eý Muzar pygamber alaýhyssalam dünýäden ötdi. Siz ähli eshaplaryndan: «Sen bar gabryny zyýarat eýle diýdi. Siz hem gijäni-gündize goşup geldiňiz. Indi bar zyýarat eýle diýende, Ol: „Ýa Aly, birnäçe soragym bar, jogap yhsan eýle, soň gideýin” diýip soraga başlady. Emma köp sorag jogap ýokarda agzalandygy üçin, diňe bereket maksady bilen käbiri alyndy.

— Ol hiç hereket etmeýän iki duran zat nedir?

Ýer we asman.

— Iki sany hiç durmaýan hereket edýän zat näme?

Aý we Güneş.

— Iki dost kimlerdir, hiç duşman bolmaz?

Ölüm bilen dirilik.

---

[126] Beýtylla – Allanyň öýi.

— Şeý (zat) nedir, lä şeý (hiç zat) nedir?

Şeý (zat) mömin, lä şeý (hiç zat) kapyrdyr.

— Gabyrda öňürti pany bolan nedir?

Kelleçanakdyr.

— Atasyz-enesiz är kimdir?

Adam atadyr.

— Ärden dörän aýal kimdir?

How Enedir.

— Atasyz dörän är kimdir?

Isa pygamber.

— Ene garnynda ilkinji dörän nedir?

Sag eliň baş barmagydyr, diýip jogap berdi. Hezret Aly: „Eý Muzar, tiz zyýarata git” diýdi. Muzar zyýarata gidende Hezret Aly «Pygamber alaýhyssalam maňa özüniň wepat etjekdigini, kepen taýýarlamagy habar berdi» diýdi. Soň Muzar hem ýogaldy. Ony hem şehitler seýidi Hamzanyň ýanynda depn etdiler. Bu «Mygrajun-nubuwwe» (Pygamber mygrajy) kitabynda ýazylandyr.

## ŞYH YMAM ALY IBN SAGYT ISTEFKINIŇ[127] SORAG-JOGAPLARY

— Kapyrlar üçin mizan, hasap bolarmy?

Bolar. Ýöne hasaplary we mizanlary ölçemek üçin däl, ýagdaýlarynyň azap we tapawutlary üçin bolar. Allatagala aýdar: „Mynapyklar iň pesdedir. Pyrgunyň ähli üçin iň elhenç azap bardyr.”

— Käbirleri Adam ata bilen How enäniň bugdaý iýmek bilen bedenleriniň gap-gara bolandyklaryny, soň oraza tutup we namaz okap agardy diýmekleri dogrumy?

Bu söz dogry däldir. Sebäbi pygamber alaýhyssalam sahabalara dil ýetirmegi gadagan etdiler. Pygamberlere bu nähili aýdylsyn.

— Pygamberimiziň kölegesiniň ýokdugy näme üçindir?

[127] Ymam Aly ibn Sagyt Istefki – yslam alymy.

Güneş we aý nurlaryny onuň nurundan alandyr. Onuň nurundan ýagty saçýandyr. Nuruň kölegesi bolmaz.

— Şeýtanyň musulman bolmagy dogrumy?

Dogry. Sebäbi pygamberimiz üçin „Onuň şeýtany musulman boldy" diýlendir.

— Ol şeýtan jennete girermi? Jähenneme?

Jähenneme. Sebäbi onuň soň dönüp bilmegi mümkindir. Ýa-da resul alaýhyssalam onuň şerinden we waswasyndan halas boldy diýlendir. Şeýtan musulman bolmaz. Ýa-da „musulman boldy" işligi „gutardy" manysyndadyr.

— Iman berilýärmi ýa-da gazanylýarmy?

Umuman alanyňda berilýändir. Gazanylýar diýmek bolmaz. Ýöne Alla tarapyndan hidaýat berilýändir. Ol uly nygmata eýe bolmagyň ýagdaýy ýüze çykan däldir. Gul tarapyndan bolan iman gazanylýandyr.

— Perişdeler üçin sogap we jeza barmy?

Bar, ýöne olaryň sogap we jezalary biziňki ýaly däldir. Sebäbi sogap bir zat bilen lezzetlenmekdir. Hak Subhan we Tagala biziň durkumyz we şähwetimiz üçin iýer-içer we ulanar ýaly niçeme nygmatlar ýaradandyr. Ahyretde hem sogabymyzy we günämizi oňa görä berer. Emma perişdeleriň lezzetleri we şähwetleri tagat hakda we nebisleri päkdir. Belki ahyretde hem dünýäde bolan lezzetleri ýaly bolar.

— Allatagala ähli gizlin we äşgär zatlary biliji bolsa hem kirameýn-kätibeýne[128] tabşyrmagynyň sebäbi näme?

Kiramei kätibin Allatagalanyň habary bolmagy üçin däl-de, diňe kyýamat gününde özüňe görkezilmek üçin we magryfat edilse onuň lutfynyň we pazlynyň kemaly mälim bolsun, azap bolsa onuň zulum däldigini bildirmek üçindir.

— Eger Pyrgunyň Allanyň ylmynda we takdyrynda imana gelmejekdigi belli bolup, Allanyň eradasy bilen kapyr bolan bolsa, näme üçin azap berler?

Küpürligi we günäsi üçin. Sebäbi Haktagala tagata emr we günäden gaýtarandyr. Haktagalanyň eradasyna biziň aklymyz ýetmez. Bize wajyp bolan we tagallamyzda bolan emre tabynlyk we gaýtarylandan daş durmakdyr.

[128] Kiramen kätibeýn – adamyň egninde oturan iki perişde.

— Pyrgunyň mömiň bolmajakdygyny bilse hem oňa Musany we Haruny ibermegine sebäp näme?

Deliliň gerekdigi üçin. Kyýamat gününde kapyrlaryň „Eger bize pygamber iberilmesedi, bize ynsan we duýduryjy gelmedi” diýmezlikleri üçindir.

— Pygamber alaýhyssalam salawatda „Kurrate aýny” (gözümiň nury) diýilýär. Galan tagatda ýokdur. Sebäbi näme?

Haj we oraza ýaly namazdan galan tagatlarda nebis üçin lezzet bardyr. Emma namaz gul bilen Reb arasynda bir syrdyr.

— Mugaz ibn Jebel[129] hezretlerinden soradylar: «Imandan daşda tutulanlar hakda näme diýýärsiňiz»?[130]+

Haktagalanyň kitabynda halkdan üç synyp agzalýar. Biri: „Olar hakyky iman edenlerdir”. Biri: „Olar hut kapyrlardyr”. Biri: „Bularyň arasynda üýtgäp duranlar, olaryň Hudaýy ýokdur”. Imandan daşda tutulanlar üçünji synypdyr. Olara hakykatda istisnaýy lagw (biderek daşda tutulanlar) diýlendir.

— Pygamber alaýhyssalam gabrystanyň ýanyndan geçende „Esselämu aleýkum. Men siziň bilen, Inşalla size goşularyn” diýende, ölüm hökman bolsa hem kadadan çykma bolandyr?

Mümkin ol şehitleriň gabyrlarynyň ýanyndan geçende: „Siz şehitlik bilen sogaba gowuşdyňyz. Biz hem öleris” diýmegi isländir.

— Diliň bir, galan agza iki bolmagynyň hikmeti näme?

Sebäbi dil gepleýär we ýeketäk gepleýändir. Şonuň üçin jesetde gepleýän bir bolar.

— Namazda „Lä ilähe illalla” diýlende süýem barmagyň galdyrylmagynyň hikmeti näme?

Haktagala Adam alaýhyssalamy jennete girizip, täji döwlet we hormatly lybas yhsan edip Muhammediň nuruny berdi. Jennet ol nur bilen nurlanansoň Adam

[129] Sahabalaryň biri.
[130]

alaýhyssalam ol nur sebäpli jenneti başdan soňa çenli gördi. Soň ol nur maňlaýyna, gerdenlerine we Hakyň gudraty bilen süýem barmagynyň ujuna gelende, Adam ata süýem barmagyny galdyryp, arşyň-kürsüň ähli halaýygyň ruhlaryny gördi. Şonuň üçin ýeke-täk Alla ynanýanlardan bolanlarda süýem barmagy galdyrmak asyl bolandyr.

— Näme üçin oňa „sübbäbe” (süýem) diýildi?

Görülmäge sebäp bolandygy üçindir.

— Ýüzügi kiçi barmaga dakmagyň sebäbi näme?

Ol barmak özüni ejiz görmek bilen pespäl bolandygy üçin hormat goýýarlar. Şeýle hem Judy dagy özüni kiçi görendigi üçin, Haktagala Nuh pygamberiň gämisini onuň üstünde gondurdy.

— Çaganyň ene garnyndan çykansoň bir ýyllap aglamagynda gözünden ýaş gelmezliginiň sebäbi näme?

Ol aglamak däldir. Belki dört aý «lä ilähe illalla», dört aý «Muhammed Rasulalla», dört aý hem „Allahummagfirli weliwälideýýe”[131] diýýär. Şonuň üçin ýaş çykmaýar. Kapyr dört aý „Ene-atama Allanyň lagnaty bolsun” diýer. Başda ol hem yslam tebigatyna görädir.

—Çaga enäniň atadan has mähirli bolmagynyň sebäbi näme?

Aýaldan çykýan suw iki göwsüniň arasyndan bolup, kalba ýakyndyr. Kalp bolsa muhabbetiň ýeridir. Emma erkegiň suwy arkasyndandyr.

—Perzendiň enä dälde atasyna degişli edilmeginiň hikmeti näme?

Ene suwundan gözellik, jemal, semizlik we horluk ýaradylýar. Bularyň hemmesi wagtlaýyndyr. Ata suwundan bolsa süňk, damar we galan agza ýaradylýar. Olar ömür baýy baky galýar. Şonuň üçindir.

— Ynsan peşew we täret edende oňa seretmeginiň hikmeti näme?

Jogap: Iki tarapdan, biri hezret Adam ata dünýä äleminden peşew we täret edende „bu nämekä» diýip nazar etdi. Soň onuň perzentleri hem nazar etdiler. Biri hem Ibn Omar aýtdy: „Adam ata peşewe we täret e” oturanda bir perişde inip başyna geldi we oňa: „Seret seniň iýýän lukmaň nähili ýagdaý bilen üýtgäpdir. Ol

[131] Manysy: «Eý Allam! Maňa we ene-atama rehim et» diýmek.

üýtgeme seniň söhbetiň sebäpli bolandyr. Ahyrky halyňy hem pikir eýle, gabyrda halyň nähili bolar. Oňa üns bilen nazar eýle» diýer.

— Pyrguny gark edip, Nemrudy çybynyň heläk etmeginiň sebäbi näme?

Jogap: Pyrgunyň tekepbirligi suw bilen bolandygy üçin suwa gark boldy. Nemrudyň tekepbirligi „Men direldýärin we öldürýärin" diýmek bilen bolandygy üçin, Haktagala ýarsy öli, ýarsy diri bolan bir çybyn iberdi. Oňa eger direldip başarýan bolsaň ýarsyny öldür diýdi. Ol lagnatsiňen hiç birini başarmandygy sebäpli Hak Subhan we Tagala ony heläk edendir.

— Ynsan asgyranda rahatlanýar, munuň hikmeti nedir?

Sebäbi ruh jesetden gaçmaga niýetlenip bu ýerde tussag galdym diýip, çykmak üçin kapasada guş ýaly her agza barar. Beýnä baranda çykmak wagty däldir diýip habar bererler. Galandygy üçin asgyrýar. Beden rahatlyk bilen elhamdulillä diýer.

— Jennetiler jerd we mertdir diýlipdir. Erkek aýaldan nähili tapawutlanar?

Her haýsynyň täçleriniň üstünde bir hülleleri bolar. Şondan biliner.

— Müşk diýilýän ýakymly ysyň asly nedir?

Ýunus alaýhyssalam balygyň garnyndan horlanyp çykanda bir keýik ony gördi we ýuwaşlyk bilen ýanyna gelip süýdi bilen gandyrdy. Haktagala onuň göbeginiň aşagyny müşk eýledi. Galan keýikler hem ol ysyň aslyny ol keýikden habar alyp, ýakymly ys gazanmak üçin Ýunus pygamberiň ýanyna geldiler. Emma öňki ýaly Allanyň razyçylygy üçin gelmediler. Şonuň üçin peýda görmediler. Müşk hem diňe ol keýigiň neslinden gelýändir.

— Pygamberimiz Hezreti Isadan üstün bolsa-da, Hezreti Isa asmanda barlyklar buýsanjy, Muhammet alaýhyssalam bolsa ýerdedir. Hikmeti näme?

Pygamber alaýhyssalam aýdandyr: „Jesedimiň toprak aşagyndadygy ähli adamzatdan üstündir. Sagymda we çepimde deryalar we bossanlyklar jennet bolup sur çalynýança ruhum Allatagalanyň ýanyndadyr». Isa alaýhyssalam asmanda, ruhy jennetdedir. Ahyrzamanda ýene gelip, ýogalyp, jesedi topraga berler".

— Musa alaýhyssalam ýylandan howp eýledi, Ybraýym alaýhyssalam otdan howp etmedi. Hikmeti näme?

Ybraýym alaýhyssalamyň howpy diňe Allatagaladandyr. Ot ýakmak adamdan gelendir. Şonuň üçin gorky gerek däldir. Ýylan hem hakyň emri bilen bolmak bilen Hezreti Musanyň howpy Haktagala hezretlerinden bolandyr.

— Her jandaryň dili bar, balygyňky bolsa ýokdur. Hikmeti näme?

Şeýtan jennetden kowlup çykarylansoň derýa gelip, balygy görüp habar berdi: „Haktagala Adam atany halk eýledi ( ýaratdy). Onuň perzentleri derýanyň we ýeriň jandarlaryny awlap iýerler" diýende balyk derýa ähline şeýtandan eşidenini ýaýratdy. Indi bize rahat galmady diýende Haktagala onuň dilini guratdy. Şonuň üçin her eşideniňi aýdyp ýörmek halanylmaýar.

— Öldüriji zäheriň asly nedir?

Adam ata agaçdan iýensoň, ýere düşende gusdy. Zäher hem ondan emele geldi. Hatda aşgazanynda biraz galdy. How ene bilen birleşende ondan Kabyl dörändir.

— Haýyz (aýbaşy) orazany kaza etdirýär, emma namazy etdirmeýär. Hikmeti näme?

How Ene ilkinji gezek aýbaşy bolanda, Adam Ata sorag etdi. Allatagala aýbaşy mahaly namazy bagyşlady. Adam ata wahy etdi. How Ene olaryň sözi bilen amal etdi. Soň oraza parz bolanda How ene oraza mahaly aýbaşy bolup sorag edende, orazany terk etmegi buýurdy. Soň päk bolanda „orazany kaza edeýinmi" diýdi. Adam ata „kaza etme" diýdi. Haktagala hem munda orazany kaza bilen, namaza kaza etmezlik bilen buýurdy.

— Parz namazyň kagdýy ahyrlarynda galan pygamberler agzalman Ybraýym alaýhyssalamyň agzalmagynda hikmet nedir?

Jogap: Ybraýym alaýhyssalam Käbäni bina edip bolansoň, ymmaty Muhammediň haj eden garry möminlerine salamat bilen doga etdi. Ysmaýyl alaýhyssalam ýaş möminlere doga etdi. Ejesi Sara mömin aýallara doga etdi. Hajar hyzmatkärlere doga etdi. Olardan bize doga edilendigi üçin rugsat üçin bize hem namazda olary ýatlamak emr edildi.

— «Eý iman edenler, oňa salawat we salam aýdyň, tabyn boluň» aýatynda pygamberimize salawat we salam emr edilse hem «Eý Allam! Muhammede we

Muhammediň neberesine rehmet et» diýip Allatagaladan rehmet soraýarys. Öz nebsimiz bilen salawat we salam etmeýäris?

Jogap: Allatagala ähli kemçiliklerden päk we arassadyr. Biz bolsa aýyplar bilen doludyrys. Haýsy ýagdaý bilen aýply bolan aýpdan päk bolan kişä sena aýtsyn. Biz Haktagaladan salawat we salam nyýaz edýäris. Salawat we salam päk bolan Rebden päk bolan pygambere bolar. Hakykatda welin biz salawat we salam etdigimiz bolar.

— Mömin ähli dünýäden yzzatly we hormatly bolsa hem ogurlyk bilen eli kesiler? Hikmet näme?

Jogap, Haktagala bu agzany Adama amanat berip goramak bilen emr edilip, amanat edilendir. Amanata zaýa etmek bilen, özi zaýadygy bolar.

— Käbir perişdelere kerrubiýýun we käbirine ruhaniýýun diýilýär? Hikmet näme?

Beýik perişdeler ýaradylanda Allanyň käbir beýikligini we jelalyny görüp, kemal beýiklik bilen ýakyndan bolansoň kerrubiýun diýlip atlandyrylypdyr. Käbirleri hakyň mähribanlygyny we rehmetini görüp, şat we rahat boldular. Olara hem ruhaniýýun diýildi. Kerrubiýun ölümden söň günäkärleriň ruhuny asmana götererler. Ruhaniýýun bagtlylaryň ruhlaryny asmana götererler.

— Näme üçin Fatma Zehra üçin Zehra diýilendigi ýokarda aýdylýar. Emma Ymam Muhammet «Nifasyň» (çiläniň) iň azy bir sagatdyr» diýipdir. Onuň hiç aýbaşy bolmandygy, ýaradalyşynyň jennet almasyndandygy sebäplidir. Mygraç gijesinde jennete girenlerinde, Ryzwan melek bir alma beripdi. Müşkden ýakymly, gaýmakdan datly, baldan süýjidi. Pygamber alaýhyssalam ony iýenden soň, bedenleriniň ähli agzasyna doly güýç geldi. Soň Hatyja Kubra ýakynlaşanda ol emele gelendir. Şeýle hem käbir sorag-jogaplary ýokarda agzalandygy üçin terk edildi. Soňyndan doly terjime edildi.

## ŞYH ABU SALAM ŞYHABEDDINIŇ[132] ÖLÜLERIŇ HALLARYNA DEGIŞLI SORAG-JOGAPLARY

[132] Yslam alymy.

— Gabyrda meýide ýatan ýerinde sorag edilermi, oturan ýerinden?

Oturan ýerinde.

— Ruh bedeni örtermi?

Ýokarky bölegini örter.

— Soragdan soň ruh haýsy tarapa gider?

Möminleriň ruhy yllyýýine (jennet), kapyrlaryň ruhy jähenneme gider.

— Ruhuň jeset bilen baglanşygy galarmy?

Magnawy baglanyşygy galar. Halnama meňzedilendir. Käbirleri güneş nuruna meňzedilendir.

— Meýit eşidermi?

Eşider. Yşarat edilen magnawy baglanyşyk sebäpli eşider.

— Meýit zyýarat edenleri bilermi?

Allanyň eradasy bilen biler. Ruhlar jesetlerini ulanmaga emr edilendirler.

— Gabyrda azap ruha berlermi, jesedemi?

Ikisine bile azap berler. Ýöne hakykatda ruha azap bolup, jeset hem ejir çeker. Şunuň ýaly nygmat-da şeýledir.

— Meýide Gurhanyň sogaby ýetermi?

Öňkileriň köpüsi ýetmeýändigini aýdýarlar. Soňkylaryň köpüsi ýetýändigini aýdýarlar. Dogrysy welin amalynyň kabul bolmagy bilen köpelip, anyk karardan saklanmakdyr.

— Meýit gabyrdan başga ýere geçirilse ruhunyň haly nähili bolar?

Ruhuň jesetden baglanyşygy bardyr. Haçan göçürilse ol baglanyşyk hem onuň bilendir.

— Ölüm ýatagynda düşene em edilermi?

Eger hereketden, tapdan gaçsa edilmez, ýogsam em ediler.

— Kyýamat gününde güneş başlaryň üstüne inermi?

Iner.

— Kyýamatda güneş barmydyr?

Diňe öz ýerinde bardyr.

— Jisimler öňküsi ýaly ýagdaýa gelermi?

Kemçiliksiz yzyna geler. Hatda öňküsinden hem galyply boljakdygy hadysda bardyr.

— Kyýamat gününde ynsanyň gözleri depesinde bolarmy ýa-da dünýädäki ýaly bolarmy?

Dünýädäki ýaly bolar.

— Kyýamat gününde ynsanyň boýy nähili bolar?

Dünýädäki ýaly bolar. Jennete girenleriň hemmesi gök bolar.

— Kyýamat gününde käbir adamlar käbir adamlary bilermi?

Bilerler.

— Dowzaha düşen günäkärler soň çykarylarmy?

Kiçi çykaryş bilen çykarylar. Günäsiniň mukdary ýaly ýatyp soň çykarylyp, durmuş derýasyna salnar. Haktagala doly ýaşaýyş berer we pygamberiň şepagaty bilen jennete girer. Bular onuň «Risalat» (hatlar) atly eserinde ýazylandyr.

— Mömin gabyrdaka geçen wagty bilermi?

Aý, ýyl, zamandan näme geçdi bilmez. Pygamber «Onuň bir gününiň mukdary elli ýyldyr», diýende Abu Sagyt Hudry hezretleri «Ol gün nähili uzyn eken» diýdi. Pygamberimiz hem: «Janym gudrat elinde bolan Alladan ant içýärin. Ol mömine şeýle bir aňsat bolar. Hatda onuň dünýäde okan ýazylan namazyndan hem has ýeňil bolar» diýendigi «Haýatul-erwah» (Ruhlaryň ýaşaýşy) kitabynda ýazylandyr.

— Käbir wagtlarda ruh jesedine gelermi?

Juma güni we gijesi we beýleki mübärek gijelerde Allatagala jesedine salar.

— Jeset perişan bolar, ol nädip beýle bolar?

Hakykatda perişan bolmaz.

— Kişi hasap edilmezden jennete girermi?

Pygamberimiz aýtdy: «Meniň ymmatymdan ýetmiş müň kişi hasapsyz jennete girer».

— Depn edilmän agzasy perişan bolanlaryň soragy nähili bolar?

Eger şehit bolsa sorag ýokdur. Däl bolsa kalby nirede bolsa ol ýerde sorag ediler. Balygyň garnynda bolsa hem, ol ýer oňa gabyr bolar.

— Berzeh gabyrda öli zyýaraty nähilidir?

Her kimiň dünýäde zyýaraty nähili bolsa, şeýle zyýarat ediler. Hatda meýit hem zyýarata geleni garşy alar. Bu hakda «Alla siziň käbiriňizi dirilikde we ölümde biri-biriňizden üstün eder" aýaty bar.

— Birnäçe gün depn edilmedikleriň soraglary gabyrda bolarmy ýa-da ýatan ýerinde bolarmy?

Alymlaryň arasynda bu meselede çekeleşik bar. Iň dogrusy gabyra goýlansoň başlar. Şeýle diýip „Rawzatul-ulamada" (Alymlaryň bossany) ýazylandyr. Alymlaryň biri Nejmeddin Nesefi[133] hezretleri ýogalandan soň düýşde görüp müňkür-nekire nähili jogap berildi diýip soranda „Meniň Rebbim özünden başga ylah bolmadyk Alladyr. Pygamberim saýlanylan Muhammetdir. Dinim razy bolnan yslamdyr. Dostum ýeterlik bolan Gurhandyr" diýipdir.

— Jennetde möminler Haktagala tarapyndan çagyrylarmy?

Çagyrylar. Hatda Allatagalanyň çagyryş hatyny uly perişdeler ýetirenlerinde her biriniň sorag we rugsatlary bilen huzurlaryna ýetirer we Hudanyň hatyny eline bererler.

— Hatda ýazylan nedir?

Hatyň daşynda „Hiç ölmeýän diriden, hiç ölmeýän dirä" ýazylyp, içinde „Seniň işiň peslik we kemçilik bilen uzady. Sen Rebbiň Gafura muşdak dälmi. Haçan meniň hatym saňa ýetende meni zyýarat et. Men saňa muşdak, maňa dünýäde muşdakdygyň üçin» diýlip ýazylan. Şeýle diýip „ Mişkätul-enwar" atly kitapda ýazylandyr.

— Jennet bilen buşlanan kişiler kimlerdir?

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Abubekr, Omar, Osman, Aly, Zubeýr, Abu Abdyrahman, Sagyt ibn Abu Wakgas, Sagyt Ibn Zeýd, Abu Ubeýd Jerrah dagylar jennetdedir. Şeýle hem men jennetdäki aýallaryň serweri Fatma, Hasan, Hüseýin dagylaryň hem jennetdedigine güwälik berýärin. Hadysda aýdylyşyna görä „Fatma

[133] Nejmeddin Nesefi – yslam alymy.

jennet aýallarynyň seýidi Hasan we Hüseýin jennetiň ýaşlarynyň seýidi” diýilýär. Bu „Şerhul-akaýyt” atly kitapda ýazylan.

— Jennet wada berlen kimlerdir?

Ähli mömin aýal-erkekler jennet bilen wada berlendir. Bu „Akaýydyl-yslamiýede” (Yslam düşünjesi) ýazylandyr.

## ANUŞIRWANYŇ[134] SORAGLARY WE BUZURGMEHRIŇ[135] JOGABY

— Özüň ejiz bolan bir işiňi kime tabşyrmak gerek?

Öz işini üstün we ýokary görene tabşyrmaly.

— Amal hak bolup, nazar halka pes bolan nedir?

Kişiniň öz hünärini aýtmagydyr we özüni öwmegidir.

— Ynsanlaryň işleri tagalla bilen bolarmy? Hakyň bermegi bilenmi?

Tagalla Hakyň bermegine araçydyr.

— Tebibe mätäç bolmazlygyň çäresi näme?

Az iýmek, az içmek, az ýatmak, az geplemek çäredir.

— Akylly kimdir?

Az sözläp, köp diňleýän.

— Älemde horluk nämeden emele geler?

Tamakinçilikden hasyl we ýalta bolmakdan.

— Muhabbeti kesýän nedir?

Muhabbetiň söýen zadyny talap etmekdir.

— Ýagşy ahlagyň iň gowusy nedir?

Minnetsiz peşgeş we pespällikdir.

— Pespällik (töwazyg) nedir?

Elmydama sahy bolmakdyr. Özünden pese meýl etmekdir.

— Ýagşy çäre kimden çykar?

Dini päk, dosty dindar we akylly bolanlardan.

---

[134] Anuşirwan – gadymy eýran hökümdary.
[135] Buzurgmehr – Anuşirwanyň weziri.

— Ähli älem üstün hasaplandyklary nedir?

Dogry söz, söwda-satykda ynsap, diliň azat bolmazlygydyr.

— Dünýe maly bilen üstün kär nedir?

Ahyret alajyny edip, duşmanyny kerem bilen dost etmekdir.

— Sahy kimdir?

Sahylygyna begenen kişidir.

— Gowulyk nedir?

Erbetlikden hederdir.

— Aýp nedir?

Minnet bilen bermekdir.

— Edermenligiň nyşany nedir?

Ar almaga güýjüň barka bagyşlamakdyr.

— Aýpsyz kimdir?

Haktagala hezretleridir.

— Akyllylaryň alamaty nedir?

Biri-birine ýagşylyk edip, ýagşylyk pikirinde bolmak.

— Aýplaryň iň pesi nedir?

Halkyň aýbyny paş etmekdir.

— Ömrüň zaýa bolmagy haçandyr?

Bir zada ýagşylyk mümkin wagty etmedik wagtyňdyr.

— Ahyryň haýyrlygyna sebäp nedir?

Allanyň razyçylygy pikirinde bolmakdyr.

— Akyllylaryň iň üstüni kimdir?

Dünýä işlerine gynanyp ýören.

— Duşmanlaryň üstüni kimdir?

Kişiniň öz nebsidir.

— Üstünlerden üstün nedir?

Pespällik.

— Pesleriň pesi nedir?

Tekepbirlik.

— Zynatlaryň üstüni nedir?

Päklikdir, dogrulykdyr.

— Emi bolmaýan ýara nedir?

Mazluma zulum etmekdir.

— Döwletiň üstüni nedir?

Saglykdyr.

— Üstün nygmat nedir?

Köňül hoşlugydyr.

— Sözleriň üstüni nedir?

Aýdýan sözi jemil bolandyr.

— Ahyrete halas bolmaga sebäp nedir?

Elmydama Allanyň razyçylygy pikirinde bolmakdyr.

— Belalaryň ulusy nedir?

Amalsyzlykdyr.

— Nadan kimdir?

Zyýanly tagamlary iýýän, keselden we günä azabyndan howp etmeýänlerdir.

— Akylly kimdir?

Öz akly bilen ýagşylyga ýetýän ýa-da ulelardan eşitmek bilen ýagşylyk gazananlardyr.

— Kämil kimdir?

Kemaly özüne ulumsylyk bermeýän we özüni tankytlaýanlara gazap etmeýändir.

— „Nushi wafi”[136] nedir?

Aristotel hekimiň Isgendere nesihatlarydyr. Olar nedir beýan edeliň. Syryňy paş eýleme, ýalan sözleme, az sözle, sabyrly bol, gowgaly ýerden gaç, sebäpsiz ýere hiç kime duşmançylyk etme, ulular bilen göreşme, garyby hor görme, alymlar we salyhlar bilen gatnaşygy köpelt, ölümi köp ýat eýle, bilmeýän zadyňa ýakynlaşma, tiz ynanyjy bolma, ýumşak bol, az kişiler bilen ülpet eýle, üstden gülüji bolma, dogry bol, zaýa bolup ele düşmegi mümkin bolmadyga bihuzur

[136] Manysy: «Wepaly nesihatlar» diýmeklik.

bolma, hiç kimiň başyna gelene şatlanma, seniň bilen duşmanlygy geçen adama ynam bildirme, bela sabyr eýle, ykbalyň oňuna gitmegine aldanma diýendir.

— Sagadatly bendeleriň ýanynda ygtybarly we kabul bolan zat nedir?

Şerigat işlerini dünýä işlerinden ileri tutmakdyr. Eý Allam! Bu sözleri ýagşy dowam etdirmegi nesip eýle. Gutardy.

## AÝAL BILEN MÄHIRLILIK WE ÖZARA GATNAŞYK HAKDA

— Aýal bilen mähirlilik we özara gatnaşykda ygtybarly eserler barmy?

Bardyr. Beýan edeliň. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Kim aýalyna güler ýüz bilen gelse, oňa on sogap bardyr. Kim ony gujagyna alsa, oňa otuz sogap bar. Kim aýalyna jynsy gatnaşyk etse oňa üç ýüz sogap bar. Eger jynsy gatnaşykdan soň gusul alsa (suwa düşse). onuň her damjasy üçin Alla bir perişde ýaradar. Olar tä kyýamata çenli oňa dileg ederler». Şeýle hem Ibn Abbas rowaýat edýär: „Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Eger bir adam aýalynyň ýanyna ýanaşmak üçin girse, oňa sag tarapyndan barmaly we „Eý Allam şeýtany menden we bize beren rysgalyňdan (perzendiňden) uzaklaşdyr" diýmeli. Eger mundan bir çaga dogsa, şeýtan ony azdyryp bilmez. Bu dogany okap dileg etmeli. Soň aýalyňa ýanaşmaly we aýaly arkaýyn düşegiň üstünde ýatyrmaly. Haçan ýanaşmakdan boşansoň, aýalynyň çep tarapyndan düşmeli. Düşenden soň hem şeýle diýmeli: „Meni jübütläp huzur beren, menden bedgaty we akmaklygy uzaklaşdyran Alla hamd bolsun. Bular Ibn Tebibiň[137] eserlerinde ýazylandyr.

Akyldarlaryň käbirleri aýdypdyrlar: „Kimiň şähweti ýatyşsa we hereketi ýatsa we aýaly bilen ýatanda ýanaşyp başarmasa, onuň ýaşaýan şäherinde hulenjan[138] bar bolsa, ony ýanaşan mahaly diliniň aşagynda goýsa, ol agza ýakymly ys berip, jynsy islegi artdyrýandyr".

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Siz gyzlara öýleniň. Olaryň agyzlary süýji, arzuwlara ýetilýär we olardan razy bolunýar". Muny Ibn Mäje[139] rowaýat etdi.

---

[137] Ibn Tebip – yslam alymy.
[138] Hulenjan – jynsy islegi artdyrýan ot.
[139] Ibn Mäje – hadys rowaýatçysy.

Bu „Haýatul-haýawan” (Haýwanlaryň durmuşy) kitabynda ýazylan. Enesden rowaýat bolupdyr: „Pygamber alaýhyssalam aýtdy: „Men ynsanlardan dört zat sebäpli üstün. Jomartlyk, edermenlik, jynsy islegiň köplügi we uly güýç bilen”.

Pygamberimiziň hezret Ala: „Eý Aly! Sen duşenbe (baş) gün gijesi aýalyňa ýanaş, eger çagaň bolsa kary bolar. Sişenbe (ýaş) gün gijesi ýanaşsaň, çagaň bolsa sahy, rehimli bolar. Çarşenbe (hoş) gün gijesi ýanaşsaň alym we fakyh bolar. Çarşenbe güni öýleden ýanaşsaň, çaga bolsa, hekim, alym bolar. Şeýtan ondan gaçar. Juma güni namazdan öň ýanaşsaň çaga bagtly bolar” diýendigi hadys kitaplarynda ýazylandyr. Şeýle hem bular hezret Alynyň wesýetlerinde bardyr.

Bu peýdaly kitap Mälik we Mejit Allanyň kömegi bilen pespäl bende Hafyz Muhammet Hygmy Kursynyň (goý Alla oňa we ene-atasyna merhemet eýlesin) eli bilen 1236-njy ýylyň jumadyl-ahyr aýynyň 21-ne[140] ikindi wagty ýazylyp boldy we gutardy.

**TAMAM**

[140] 1821-nji ýylyň nowruz aýynyň 26-sy.